# Fykh al-Ekberiň ýeňilleşdirlen şerhi

# الشرح الميسر للفقه الأكبر

**(Ymam Ebu Hanifanyň akyda barada ýazan kitabynyň şerhi)**


**Awtor:**

## Muhammet bin Abdurrahman al Humeýýis

Alla ony öz hemaýatynda gorap saklasyn

بقلم

د.محمد بن عبد الرحمن الخميس حفظه الله


**Terjime eden: (Allanyň rehmedine umyt baglaýan bende).**

**Alla olaryň ählisine we şu kitaby okanlaryň ählisine rehim etsin.**

**المترجم: العبد الراجي رحمة ربه**

**رحمة الله على الجميع.**

[1]Elbetde ähli hamdlara Alla mynasypdyr,biz ony öwýändiris we ýardam soraýandyrys ,ýalkaw dileýändiris nefsimiziň şerinden we amallarmyzyň ýamanlygyndan Alladan pena soraýandyrys,kimi Alla dogry ýola gönükdirse ony hiç kim azdyrmaz,kimi azdyrsa ony hiç kim dogry ýola gönükdirmez we Alladan başga hudaýyň ýokdygyna we Onuň şäriginiň ýokdugyna şaýatlyk edýärin we Muhammediň Onuň bendesi we pygamberidigine şaýatlyk edýärin[2].

Ymam Ebu Hanifanyň „al-Fykh al-Ekber“diýen kitaby usulu din (akyda) babynda hanafi mezhebinde köp şerh edilip öwrenilen meşhur kitaplaryň biridir,kitap ýaýrandan soň alymlaryň köpüsi onuň bilen gyzyklananlar, ýöne men selefleriň mezhebine (ýoluna) laýyk gelýän şerhe duşmadym,çünki şu kitaby şerh edenleriň köpüsi kitaby mutekellimleriň[3] ýolunda şerh edenler ýagny şerh edilen kitaplar şuny görkezýändir, şu kitaba Mäturidiýe mezhebindäkiler käbir meselelerde ylalaşmaýan bolsalar hem ýöne oňa daýanýandyrlar,mysal üçin: Pygamberleriň günä işlerden goralyp saklanmaklyk meselesi,we Allanyň sypatlaryna degişli käbir meseleler.

Umuman aýdanyňda şu kitap Tahawynyň[4] ahli sünnet we jemagatyň akydasyny Abu Hanyfa,Abu Ýusufa[5] we Muhammet bin Hasana[6] ýöňkelip beýan edilýän kitabyna gabat gelýändir.

---

1 Aýatlara , hadyslara we kitaplara salgylanma kitabyň asyl nusgasyndan alnan, emma düşniksiz sözlelre açyklama terjimeçiniň eden işidir.

2 Şu girişe “Hutbatul - haja” diýilýär,Resulalla sallalahu aleýhi we sellem şu hutbany juma namazlarynda, aýydlarda ýa-da umumy üýşmeleňlerde köp aýdandyr.

3 Mutekellimler - akyda meselelerinde kurana we sünnete daýanman öz akyllaryna daýanyp pelsepe ylymlaryna ýykgyn edýänler.

4 Ol Ahmet ibn Muhammet ibn Seläme ibn Süleýman ibn Habbap Tahawydyr. Ol fakyh ymam 229-nji (843) ýylda dogulypdyr we 321-nji

Şu kitaby ýazyjynyň ogly Hammad bin Ebi Hanyfa Nugman bin Säbit rowýat edýändir,ol öz kakasynyň mezhebini (ygtykadyny) başgalardan has gowy bilýändir.Ibn Hallikan aýdan:“Ol (Hammad bin Ebi Hanyfa) öz kakasynyň ýolundady,ýagşy adam bolan“.Käbir hadys alymlary oňa ejiz (zaif)diýenler,ýone öz kakasy bilen köp bolanlygy üçin bu zyýan

---

(933) ýylda wepat bolupdyr, Ol Müsürde Abu Japar Ahmet ibn Ymran Musa ibn Ysadan fakyh ylmyny öwrenipdir. Soň 268-nji (881) ýylda Şama baryp ol ýeriň kazylarynyň kazysy Abu Hazym Abdylhamyt ibn Magferden fakyh öwrenipdir we hadys rowaýat edipdir. Abu Omar ibn Abdyl Berkäniň aýtmagyna görä: Ymam Tahawy ähli fykh mezheplerini bilýän Kufa mezhepli alymdyr.

[5] Ol Ýakup ibn Ybraýym ibn Habip ibn Sagd ibn Habta Ensary Bejlidir.Onuň kakasynyň atasy Sagd pygamber aleýhissalamyň “Entek sen ýaş” diýip Uhut urşuna gatnaşmaga rugsat bermän, doga edip gaýtaran oglanydyr. Tahawynyň aýtmagyna görä ol 113-nji (731) ýylda dünýä inipdir we Kufada ýaşap şol ýerde hem dünýäden ötüpdir. Onuň jenaza namazyny Zeýt ibn Erkam okapdyr we oňa bäş tekbir edipdir.Aly ibn Jagdyň Abu Ýusupdan eşitmegine görä ol şeýle diýipdir. Sen durşuň bilen ylma berilmeseň, saňa ylymdan sähelçede berilmez. Eger sen durşuň bilen ylma berilseň şonda sen ylymdan biraz paý alyp bilersiň we şol paý saňa guwanmaga ýeter.Ýahýa ibn Ýahýaň Abu Ýusupdan eşitmegine görä ol şeýle diýipdir: Men şu wagta çenli beren pitwalarmyň içinde kuran we hadysa dogry gelmeýänlerini taşlaýaryn diýipdir.

[6] Ol Muhammet ibn Hasan Abu Abdylla Şeýbanydyr. Onuň asly Damaskyň ýakynyndaky Haresta obasyndandyr. Onuň kakasy Yraga göçüp gelipdir. Muhammet ibn Hasan 132-nji (749) ýylda Yragyň Wast diýilýän ýerinde dünýä inip Kufada önüp ösüpdir. Ol Ymam Agzam, Öwzagy, Ymam Mälik, Sewri we Musgyr ibn Kudama ýaly alymlardan ylym öwrenipdir. Ondan bolsa Ymam Şapygy we başga-da birnäçe beýik alymlar ylym öwrenip hadys rowaýat edipdirler.

etmez,çünki alymlar bu kitaby ýaýradanlar,şeýle hem Tahawynyň akydasynda ýatlanylan zatlara garşy gelmeýär.

Şu kitapda hak zat Alladandyr,ondan başga zat bolsa mendendir ,ähli günämden toba edýärin.

**Ymam Ebu Hanyfanyň terjimehaly.**

**Ady,kunýesi,lakamy:**

Ol Ebu Hanifa Nugman bin Säbit bin Zutyal-Hazzaz,Kufi.

**Doglan ýeri we ýyly:**

Kufa şäherinde kiçi sahabalar döwrinde 80-nji hijride dünýä inýär.

Fuzeýl bin Yýad aýdan:"Ebu Hanifa fakyh alym,takwalykda belli köp sadaka berýän, gije-gündiz ylyma sabyrly, hat-da halal we haram meselelerde köp dymyp az gürleýän adam bolan".

Ibn Abdulberr aýdýar:"Ol(Ebu Hanifa) fykh ylmynda ymam,ýagşy düşünjeli oňat zehinli takawa, akylly adam bolan".

Şeýh islam Ibn Teýmiýa aýdan:"Adamlaryň köpüsi Ebu Hanyfa garşy gidip oňa inkär eden bolsalarda, hiç kim onuň fykh ylmy we düşinjesi barada şek edýän däldir".

Zehebi Ymam barada şeýle aýdan:"Ol ymam,takwa,ybadathon alym bolan,patşalardan sowgat almaýardy".

**Ölen wagty:**

Ol 70 ýaşynda 150 nji ýylyň Şagban ( Meret)aýynyň ortalarna dünýäden ötýär,ol Bagdatda al-Hazzarin diýen gonamçylykda depin edilýär,Alla ony rehmet etsin.

**Iman aslynyň (özeniniň) beýany;**

**Ebu Hanifa:"Töwhidiň özeni, sahyh ygtykat şu zatlary aýtmak bilen bolýar: Alla iman gertirdim :**

**Sözlük**: Asyl bu bir zady bina etmek üçin goýlan esas,düýp.

**Şerh**: Ymam Ebu Hanifa ygtykat babynda hökmany zat bolan töwhitden ýagny „Alla iman getirdim „ diýen sözden başlaýar, ýagny Alla iman getirenligini dili bilen aýdyp boýun almaly we bilmelidir bu iman üç görnüşe bölünýär:

**Birinji görnüş**- Allanyň ýeke özüniň ýaradyp ryzk berip,şu älemiň eýesi bolup, ýeke özi dolandyrýanyna ynynmaklyk. Alla aýdan;

„Alladan başga ýaradyjy size asmandan we ýerden ryzk berýändirmi[7]?“

Töwhidiň şu görnüşine rububiýet töwhidi diýilär,umuman adamlaryň ählisi şu töwhidi ykrar edýärler,çünki Alladan başga ýaradyjy ýokdur.

**Ikinji görnüş** - (Allanyň) atlary we sypatlary töwhidi,ýagny - Allatagala atlarynda we sypatlarynda ýeke-täkdigini ykrar etmek we boýun almak,Alla Öz kitabynda Özüne ýöňkän ýa-da Onuň resulynyň Alla ýöňkän gözel atlary we beýik sypatlaryny belli bir zada meňzetmezden, mahlukatlaryň sypatlaryna deň edilmezden,Allany ýaradylan zatlara meňzedilmezden atlaryň manylarynda hetden geçmezden olaryň hakykatyny üýtgedilmezden ykrar ederis we şu zatlar Allany päklemek bilen bolýandyr çünki Ol Öz kitabynda aýdan:“Onuň (Allanyň) deňi-taýy ýokdur,Ol Görýändir,Eşidýändir[8]“.

Şu aýat Allanyň sypatlaryny ykrar etmek bilen (mahlukatlara) meňzeşlikden päkleýändir.

**Üçünji görnüş** - Ubudiýet - Uluhiýet töwhidi,ol Allanyň ýeke täk Özüniň ybadata haklydygyny ykrar edip boýun almak,“Lä ilähä illa Alla „ýagny Alladan başga ybadata hakly hudaý ýokdur“ diýen söz hem şuny talap edýändir,bu söz ähli batyl hudaýlary inkär edip, ybadaty ýeke-täk Alla edilýändigini tassyklaýar,çünki Alladan başga ähli hudaýlar batyldyr.Alla

---

[7] Fatyr - 3.

[8] Şura - 11.

aýdan:“Allanyň (ýeke özi) hakdyr Ondan gaýra çagyrýan zatlaryňyzyň ählisi batyldyr[9]“,çünki olar hiç zat ýaradan däldirler,şonuň üçin ybadatda Allany birlemelidiris,we ybadatyň ählisini ýagny - namazy,orazany,zekady,hajy,damak çalma ,gorky,howp töwekkellik we başga ybadatlaryň ählisi Alla üçin bolmalydyr,kim şu zatlaryň birini Alladan başga birine edäýse ol Alla şirk ýetirdigidir.

**Ymam aýdan:“Onuň perişdelerine, kitaplaryna, resullaryna, (iman getirmeli)**

**Sözlük**:Perişdeler - perişde sözüniň köpligi bolup,olar Allanyň emrini ýerine ýetirýän, nurdan ýaradylan mahlukatlardyr.

Resullar - resul sözüniň köpligi bolup,täze şerigat berlip halka ýetirmekligi buýrulan adam.

**Şerh**:Perişdelere iman,imanyň sütünleriniň biridir ,olar Alla ybadat edip Onuň emrini ýerine ýetirmek üçin ýaradylandyrlar,olar düri-dürli bolup hersiniň öz wezipesi bardyr,olaryň ählisine iman getirmeli we delillerde ýatlanylanlara aýratyn iman getirmelidir,olardan,Jebrail,Mikail, Israfil, jan alýan perişde[10], arşy göterýänler, jennetiň gözegçileri, jähennemiň gözegçileri, Münker we Nekir, amal ýazýan perişdeler, bendäni goraýan perişdeler we başgalar, şularyň ählisine iman getirmelidir.

Imanyň sütünlerinde - Allanyň Öz resullaryna indiren kitaplara iman,ol kitaplarda Allanyň şerigaty, we bendelere wagyz-nesihat bardyr,olara umuman iman getirip delillerde ady ýatlanylanlara aýratyn iman getirmelidir,olardan:“Injil, Töwrat. Alla aýdan:“(Alla) Injili we

---

9 Haj - 62.

10 Şerigat delillerinde ýagny kurhan we sünnetde „Jan alýan perişde - melek al-mowt“ diýip gelen emma, il içinde „Ezrail“ diýen söz kurhanda we sünnetde ýatlanylan däldir, şonuň üçin musulman adam şerigata tabyn bolup ondaky ýok zatlardan daşlaşmalydyr.

Töwraty indirendir[11]“.Zebur kitaby- Alla aýdan:“Biz Dawuda Zebury berendiris[12]“Ybraýymyň we Musanyň sahypalary we iň haýyrly we soňky kitap ähli kitaplary tassykalaýan we olaryň hökümlerini ýatyran Kuran.Ol Allanyň kelamy bolup onuň öňünden - soňundan batyl gelmez hikmetli we hamdy - sena mynasyp bolan Alladan inendir, şularyň ählisine iman getirmek wajypdyr.

Imanyň sütünlerinden - Resullara iman, ýagny Alla Öz şerigatyny we wahysyny halka ýetirmek üçin adamlaryň içinden saýlan adamlary bardygyna iman getirmek, Alla aýdan:“ Alla perişdelerden we adamlardan resul saýlandyr[13]“ ýenede aýdan:“ Resullardan soň adamlarda Allanyň garşysyna delil bolmazlyk üçin, (Alla) buşlaýjy we (dowzah azabyndan) ägä ediji resullary iberendir[14]“.Olar adam perzendiniň iň haýyrlysydyr, biz olaryň käbirleriniň atlaryny bilýäris käbirleriniňkini bilýän däldiris. Alla aýdan:“Resullaryň käbirlerini saňa aýdandyrys, käbirlerini bolsa aýdan däldiris[15]“.Resullaryň birinjisi Nuh aleýhi salamdyr,soňkysy Muhammet sallalahu aleýhi we sellemdir,Allanyň kitabynda olaryň ýigrim bäşisiniň ady ýatlanylandyr we olaryň ählisine iman getirmelidir,kim olaryň biriň pygamberligini inkär etse kapyrdyr, başga pygamberlere umuman iman getireris,Allanyň resullaryny tapawutlandyrmarys,megerem olaryň ählisini söýüp hemmesine iman getireris.

**Ymam aýdan:“ ölümden soň direljegiňe, takdyryň (ýazgydyň) haýrynyň we şeriniň Alladandygyna(**iman getirmeli**)**

---

11 Ali Ymran - 3.

12 Nisa - 163.

13 Haj - 75.

14 Nisa - 165.

15 Nisa - 164.

**Şerh:** Öleniňden soň direljekdigiňe hökman ynanmalydyr ýagny - Alla adamlary gaýtadan direldip**,** dünýede eden işlerinden hasap sorar, amallaryna görä muzd alarlar,adamlaryň ruhlary we jesetleri gaýtadan direler,Alla adamy birinji gezek direldişi ýaly ikinji gezek hem gaýtadan direlder, bu zat Alla üçin ýeňildir.Gaýtadan direlşi inkär eden adama Alla şeýle diýen:"Ynsan näme ,biz onuň süňklerini jemlemeris diýip guman edýärmi,ýok megerem Biz onuň (ýok bolup giden) barmaklaryny gaýtadan dikeltmäge kadyrdyrys[16]".Alla gaýtadan direlşi inkär eden kapyrdyr diýip şeýle aýdýar:"Kapyr kimseler gaýtadan direlmeris diýip güman edenler,(Eý Muhammet,olara) aýt ýok Alla kasam bolsun siz hökman direlersiňiz we eden amallaryňyz barada size habar berler,çünki bu zat Alla üçin ýeňildir[17]".Kim gaýtadan direldişi inkär etse ol kapyrdyr ,Alla adamlary gaýtadan direldip amallaryna görä muzd berler. Alla aýdan:" Alla olaryň ählisini gaýtadan direlder we eden amallaryndan habar berer, Alla (olaryň amllaryny) hasaplap goýandyr, olar bolsa ýatlaryndan çykarandyrlar,Alla ähli zadyň üstünden şaýatdyr[18]".

**Takdyra iman** - imanyň uly sütünlerindendir, ol özünde dört zady jemleýändir:

**1) Allanyň ylmyna iman** - ýagny Allatagala asmanlary we ýeri ýaratmazdan **öň** ähli zady bilendir,hiç zat ondan gizlenen däldir.Alla aýdan:"Ýerde we asmanda Alladan hiç zar gizlenýän däldir[19]".

**Alla aýdan**:"Seniň Rebbiňden ýerde we asmanda zerre ýaly hatda ondan kiçi ýada ondan uly zat sypýan däldir[20]".

---

16 Kyýamat - 3-4.

17 Tagabun - 7.

18 Al-Mujadala - 6.

19 Ali Ymran-5.

20 Ýunus - 61.

Ymam Tahawy aýdan:“ Olary ýaratmazdan öň hiç zat Ondan gizlin däldir we olary ýaratmazdan öň olaryň etjek işlerini bilendir“.

2)(Takdyryň) Ýazylandygyna ynanmaklyk- ýagny, älemde bolup geşjek zadyň ählisini, ulysyny-kiçisini, hiç zady sypdyrmazdan Alla olary ýaratmazdan öň ýazandyr.Alla aýdýar:“Ýere ýada siziň özüňize bir musybat inse, ol zat kitapda (takdyrda älemi) ýaratmazymyzdan öň ýazylandyr[21]“. Bu takdyrdan hiç zat çykýan däldir,Ymam Tahawy özüniň akydasynda şeýle aýdan:“Lawhel Mahfuz, galam we Ondaky takdyrlanan, ýazylan zatlara iman getirýäris. Mahlukatlaryň hemmesi Allanyň «Bolar» diýip takdyrlap ýazan zadyny «Bolmaz» etjek bolsalar hem başarmazlar.Eger olaryň hemmesi üýşüp Allanyň «Bolmaz» diýenini «Bolar» ýaly etjek bolsalar hem başarmazlar. Kyýamata çenli boljak hemme zatlary galam ýazandyr“.

3) Allanyň eradsy (islegi) - ýagny ,älem-jahanda Allanyň eradasy (islegi) bolmasa hiç zat bolup geçmeýär,Allanyň islän zady bolar islemedik zady bolmaz, Onuň eradasy elmydama bolýandyr,haýyr we şer Allanyň isleg eradasy bilen bolýandyr.Alla aýdan:“(Eger)Älemleriň Rebbi islemese siz islemersiňiz[22]“.

Ymam Tahawy özüniň akydasynda şeýle aýdan:“ Onuň islegi amala aşýandyr. Bendeleriň öz islegleri amala aşmaz, megerem Allanyň olara islän zady amala aşar. Alla olar üçin näme islese bolar we islemedik zady bolmaz".

4)Ýaratmak-ýagny Allatagala ähli zady ýokdan bar edendir, bendeleriň hereketleri (amallary) haýyr we şeri Alla ýaradandyr Alla aýdan:“Alla sizi we edýän zatlaryňyzy ýaradandyr[23]“.

**Ymam aýdan:“ hasaba,mizana“ (iman getirmeli).**

21 Hadid - 22.

22 Tekwir - 29.

23 Saffat - 96.

Şerh:Ähli sünnet hasabyň boljakdygyna iman getirýär- Allatagala adamlary gaýtadan direldip, eden amallaryna görä muzd berer,bu kyýamat magşar güni boljak iň uly wakadyr. Alla aýdan:“Kimiň kitaby sagyndan berilse , onuň hasaby ýeňil bolar[24]“ ýenede aýdan:“Biz ondan agyr hasap alandyrys we erbet azap berendiris[25]“.

Ähli sünnet mizana iman getirýändir, onuň iki sany hakyky ölçenilýän gapany bardyr,kyýamat güni bendeleriň amallary çekiler,kimiň sogaby köp gelse ýalkanar,günäsi köp gelse bagty ýatandyr: Alla aýdan:“ Biz kyýamat gününe adyl mizan goýarys,hiç kime zulum edilmez, eger zerre ýaly zat bolsa-da biz ony getireris,hasapda biz ýeterlikdiris[26]“.

Ymam Tahawy özüniň akyda kitabynda şeýle aýdan:“ Kyýamat güni gaýtadan direlip,amallara muzd- ýagşa sogap,günäkäre jeza beriljekdigine,olaryň görkeziljekdigine, hasabyň boljakdygyna, amal kitabynyň okaljakdygyna, sogaba, azaba,syrat köprüsine we mizan tereza iman getirýäris“.

**Ymam aýdan:“Jennede,oda(dowzaha iman getirmeli) we şu zatlaryň ählisi hakdyr.**

---

**Şerh**:Kyýamat gününe baglanşykly ähli sünnetiň ynanýan zatlarynyň biri jennet we jähennemdir.Jennet ýagşylaryň,päkleriň diýary bolup ol ýer baky nygmatlar we sogap mekanydyr.Jähennem kapyrlaryň, mynafyklaryň pasyklaryň diýary bolup, ol ýerde elhenç azap bardyr,hiç-hili haýyr asla ýokdur, bu babtda aýat köpdür. Alla aýdan:“Kim Alla we resulyna boýun bolsa (Alla) ony çeşmeler akýan jennetlere ebedi salar,bu beýik utuşdyr, kim

---

[24] Inşikak 7-8.

[25] Talak - 8.

[26] Al - Enbiýa-47.

Allanyň we resulynyň emrinden boýun gaçyrsa we hatdinden geçse baky jähenneme salar ol ýerde erbet azap bardyr[27]“.

Alla aýdan:“Rebbinden gorkanlar jennete topar - topar bolup jennete äkidildi[28]“ we ýenede aýdan:“Kapyrlar jähenneme topar - topar bolup äkidildi[29]“.

Şu zatlaryň ähli̇si hakdyr hökman iman getirmelidir,kim şulardan bir zada ynanmasa ol Allatagala kapyrdyr.

**Jemleme**:Imanyň özeni -adam Allatagala,Onuň perişdelerene, Onuň kitaplaryna, Onuň resullaryna, kyýamat gününe we ol ýerdäki jennete,oda hasaba,mizana syrat köprüsine takdyryň haýryna we şerine ynanmakdyr.

**Sorag-jogap:**

1-sorag: Imanyň özeni (esasy)haýsylar?.

2-sorag:Kyýamatda boljak käbir wakalry ýatla?

## Allany birlemek barada

**Ymam aýdan:“Allatagala birdir ,san manysynda däl-de Onuň şärigi ýok manysynda,Ol dogulmady we dogurmady ,Onuň deň-taýy ýokdur,ýaradan zatlaryň hiç-birine meňzeş däldir,ýaradan zatlarynyň hiç-biri Oňa meňzeş däldir,Onuň barlygyna (zätine) we işlerine(fyglyna) ýöňkelýän atlar we sypatlar ebedi we ezelidir“.**

**Sözlük**:Zäti sypatlar- diňe Allanyň Özüne (durkyna) mahsus bolup Ondan aýrylmaýan sypatlar.

Fygly sypatlar- Allnyň isleg-eradasyna bagly sypatlar.

---

27 Nisa 13-14. we Fetih 17.

28 Zumer -73.

29 Zumer- 71.

Şerh:Allatagala ýeke-täkdir, ýagny ikiniň ýarysy bir boluşy ýaly däl-de Onuň şärigi ýoklugu manysyndadyr rububiýetinde, ylahiýetinde atlarynda we sypatlarynda hiç-hili şärigi ýokdur,emma Alla bilen mahlukatlarynyň atlarynyň arasynda bolan meňzeşlik diňe sozdedir Alla aýdan:“Elbetde Alla eşidijidir we görijidir[30]“ Alla ynsan barada şeýle diýen :“Biz ony görýän we eşidýän edendiris[31]“. Meňzeşlik diňe sozdedir emma adyň we sypatyň hakykaty Allanyň Özi (zäti) mahlukatlarynda (mahlukatlaryň zätinden) tapawutlanyşy ýaly tapawutlanýandyr Allanyň sypatlaryndan:“Ol dogulmady we dogurmady,Onuň deňi taýy ýokdyr[32]“ Alla Özünde perzent bolmakdan,ene-ata bolmakdan päkdir,çünki bu zatlaryň ähli täze döremeklige getirýär,bu zat mahlukatlaryň hakynda bolýan zatdyr,emma Allanyň hakynda mümkin däldir,çünki ýaradan zatlaryň hiç-birine meňzeş däldir,ýaradan zatlarynyň hiç-biri Oňa meňzeş däldir,Alla aýdan „Onuň deňi taýy ýokdyr,Ol Eşidýändir,Görýändir[33]“.

Alla subhanahu we tagala başlangyjy bolmadyk ilkinjidir,soňy bolmadyk ebedidir,Ol Öz gözel atlary,beýik sypatlary bilen ilkinjidir we soňkydyr.Onuň zäti we fygly sypatlary bardyr.

Zäti sypatlar- öňde-soňda Allanyň Özüne mahsus bolup Ondan aýrylmaýan sypatlardyr.Ol sypatlar Allanyň diri bolmagy ýaly isleg-eradasyna bagly bolmadyk sypatlardyr.

Emma fygly sypatlar gazaby razylygy ýaly Allnyň isleg-eradasyna bagly sypatlary bardyr.

## Allnyň zäti we fygly sypatlary

---

30 Nisa - 58.

31 Ynsan - 2.

32 Yhlas- 3-4.

33 Şura - 11

**Ymam aýdan:“Zäti sypatlar-Allanyň barlygy,gudraty,ylmy, kelamy, gözi we eradasy.**

**Fygly sypatlar- Ýaratmak,ryzk bermek,ýokdan bar etmek,we şuňa meňzeşler.**

**Alla Öz sypatlary we atlary bilen ebedi we ezelidir hiç sypaty ýada ady mahluk (ýaradylan ýada soň dörän) däldir“.**

**Şerh**:Soňra ymam Alla ony rehmet etsin Allanyň käbir zäti sypatlaryny ýatlaýar. Alla aýdan:“Baky diri ölmeýäne töwekkel et[34]“.

Ylmyna delil - Alla aýdan:“(Alla) olaryň geljek we öten zatlaryny bilýändir“[35].

Kelamyna delil- Alla aýdan:“Eý,Musa Men seni Öz risalam we kelamym bilen adamlardan aýratyn edendiriň[36]“,Alla aýdan:“Alla Musa bilen gepleşendir[37]“.

Gudratyna delil- Alla aýdan:“Elbetde Alla ähli zadyň üstünden kadyrdyr[38]“.

Allanyň görýänligine we eşidýänligine delil- Alla aýdan:“Elbetde Alla görýändir,eşidýändir[39]“.

Isleg-eradasyna delil - Alla aýdan:“Alla kimi dogry ýola gönükdirmegi islese, Alla onuň kalbyny islama açyk eder,kimi dogry ýoldan azdyrmagy islese kalbyny dar eder[40]“.

---

[34] Furkan- 58.

[35] Bakara- 255.

[36] Agraf - 144.

[37] Nisa - 164.

[38] Bakara - 20.

[39] Nisa - 58.

[40] Engam - 125.

Soňra Ymam (Ebu Hanyfa Alla ony rehim etsin) käbir fygly sypatlary ýatlandyr:

Allanyň ýaratýanlygyna delil- Alla aýdan:“Alla ähli zady ýaradandyr[41]“.

Allanyň ryzk berýändigine delil - Alla aýdan:“Ýer ýüzinde ýöreýän bir zat bar bolsa Alla onuň ryzkyny berýändir[42]“.

Allanyň döredýänligine delil - Alla aýdan:“Ol sizde göz gulak we kalb ýaradandyr(döredendir.)[43]“.

Allanyň ýokdan bar edýänligine delil - Alla aýdan:“(Alla) asmanlary we ýeri ýokdan bar edendir[44]“.

Alla Özüniň atlary we sypatlary bilen ilkinjidir (owwaldyr) atlaryndan bir at ýa-da sypatlaryndan bir sypat ýok bolup soňra bar bolan däldir.

**Jemleme**:Allatagala ýeke täkdir, Onuň işlerinde,atlarynda, sypatlarynda şärigi ýokdur,Ol başlangyçsyz ilkinjidir,sypatlaryň hemmesi ebedi-ezelidir,sypatlaryň käbiri Onuň zätine(Özüne) käbiri bolsa fygyllaryna (isleg eradasyna) degişlidir.

**Sorag - jogap:**

1) Allanyň ähli zatdan ilkinjidigine näme delil bar?

2)Allanyň sypatlary nähili?

3) Allanyň üç sany zäti we üç sany fygly sypatlaryny ýatla?.

## Allanyň sypatlary ezelidir

**Ymam aýdan:“Alla ezeli ylymlydyr,Onuň ylym sypaty ezeldendir, Ol kadyrdyr, Onuň gudraty ezeldendir,Alla gürleýändir, Ol ezelden**

---

41 Zümer - 62.

42 Hud - 6.

43 Muminun - 78.

44 Engam - 101.

**gürleýündir,Alla ýaradýandyr,Ol ezelden ýaradýandyr, Alla (islän zadyny) edýandir Ol ezelden edýändir,hakykatdan-da ähli zady Alla edýändir,we şol zat ezeldendir,Allanyň hereketleri mahluk däldir“.**

**Şerh:**Hiç zat Alladan gaýym bolýan däldir, Alla aýdan:“ Elbetde Alla asmanlardaky we ýerdäki gaýyp zatlary bilýändir[45]“ ýenede aýdan:“ Asmandaky we ýerdäki hiç zat Alladan gizlenýän däldir[46]“ Allanyň ylymy zäti sypatdyr,ol ezelidir,öň ýok bolup soň dörän däldir,eger biri Allanyň ylymy ýokdy soňra özüne ylym döretdi diýse ol kapyrdyr,çünki ol Allanyň sypatyny inkär edip,ony aýypladygy bolar.

Alla ähli zadyň üstünden kadyrdyr Alla aýdan:“Elbetde Alla ähli zadyň üstünden kadyrdyr[47]“,hiç bir zat Ony ejizledýän däldir Alla aýdan:“Asmanlardaky we ýarlerdäki hiç bir zat Allany ejizletmez[48]“, Allanyň gudraty zäti sypatlardan bolup ol ezelidir,ol sypat soň dörän däldir,kim Alla öň kadyr bolmazdan özünde soň gudrat döretdi diýse ol kapyrdyr,çünki ol Allany kemsidip Onuň sypatyny inkär edendir.

Allanyň kelamy hem zäti sypatlardandyr - Alla gürlemezden öň Onda kelam sypaty bardyr Alla aýdan:“Alla Musa bilen gürleşendir[49]“ we aýdan:“Onuň bilen Rebbi gürleşendir[50]“.Allatagala kim bilen gürleşesi gelse haçan gürleşesi gelse gürleşýändir,Onuň kelamy bendesiniň kelamyna meňzeş däldir,kim Allanyň kelam sypatyny (gürläp bilýänini) inkär etse ol kapyrdyr.

45 Fatyr - 38.

46 Ali Ymran - 5.

47 Bakara - 20.

48 Fatyr - 44.

49 Nisa - 164.

50 Agraf - 143.

Alla islän zadyny edýändir Onuň bir zady etmek sypaty ezeli sypatdyr,Ol öňem-soňam edesi gelen zady edýändir Alla aýdan:“(Alla) islan zadyny edýändir[51]“.Kim şu sypaty inkär etse ol kapyrdyr,çünki ol Allanyň sypatyny inkär edendir.

Allanyň sypatlary Onuň özüne degişlidir,her bir zady edýän Alladyr.

Allanyň sypatlarynyň biri hem ol ähli zady ýaradýandyr Alla aýdan:“Alla hemme zadyň ýaradyjysydyr[52]“Bu sypat hem ezeli sypatdyr.

## Kuran barada söz.

**Ymam aýdan:“Allanyň sypatlary mahluk däldir,kim Allanyň sypatlary soň dörändir ýa-da mahlukdyr ,ýa-da şeýle diýmekden saklansa ýa-da şeklense ol Alla kapyrdyr,Kuran Allanyň kelamydyr-ol kitaplarda (mushafda) ýazykdyr,kalplarda ýat tutlandyr,diller bilen okalýandyr, pygamber sallalahu aleýhi we selleme inendir.Biz kurany okanymyzda lewzimiz (sesimz) mahlukdyr,eger kurany ýazsak hatymyz mahlukdyr, okaýan kyraatymyz mahlukdyr,emma welin kuran mahluk däldir“.**

**Şerh:**Alla öň ýaradyp bilmezden soň ýaratmaga ukyply boldy diýse ol kapyrdyr.Ymam Tahawy özüniň akyda kitabynda şeýle aýdan:“Mahlukatlary ýaratmazdan öň hem öz sypatlaryna eýedir.Olary ýaradandan soň öň bolmadyk sypata eýe bolan däldir. Onuň sypatlary owal ezeli boluşy ýaly, soň hem ebedidir. Mahlukatlary ýaradandan soň Halyk (Ýaradyjy) sypata eýe bolan däldir we olary Ýokdan bar eden soň (Bariý) ýokdan bar ediji sypata eýe bolan däldir. Mahlukatlary ýaratmazdan öň

[51] Buruj - 16.

[52] Zumer 62.

hem Onuň Reb (Eýe) we Halyk (Ýaradyjy) sypatlary bardyr. ölileri direldiji sypata olary direltmezden öň mynasyp boluşy ýaly, Ol Halyk (Ýaradyjy) sypatyna olary bar etmezden öň hem eýedir“.Allanyň sypatlarynyň hiçisi mahluk däldir,kim Allanyň sypatlary soň dörändir ýa-da mahluk ýa-da ebedi we ezelidiginde şeklense ol kapyrdyr.

Kuran Allanyň kelamydyr (sözüdir.)Alla aýdan:“Eger müşrikleriň biri seniň hemaýatyňy sorasa,Allanyň kelamyny eşidýänçä oňa hemaýat ber[53]“.Kuran Allanyň kelamydygyna ähli sünnet ijmagdyr (ýagny alymlaryň arasynda hiç-hili düşünşmezlik ýokdur),kim kuranyň Allanyň kelamydygyna ynanmasa ol kapyrdyr.Kuran kitapda ýazykdyr,kalplarda ýat tutulandyr,diller bilen okalýandyr,Muhammet pygambere inendir Alla aýdan:“Ol (Kuran) älemleriň perwerdigärinden inendir, sen (adamlary) ägä etmegiň üçin ony Ruh Emin (Jebrail) kalbyňa indirendir[54]“.Alla aýdan:“Älemleri ägä etmek üçin bendesine Furkan indiren (Alla) mübärekdir[55].

Kuran okaýanyň lewzi (sözi) bendäniň edýän işidir,bendäniň sesi,diliniň herekedi mahlukdyr kurany ýazýanyň haty hem mahlukdyr çünk ol bendäniň edýän işidir şu zatlar şeýle bolýan hem bolsa Kuran mahluk däldir,megerem ol Allanyň kelamydyr.

**Biz kurany okanymyzda lewzimiz (sesimiz) mahlukdyr:** - Şeýle görnüşdäki söz ähli sünnetiň ýolunda bolman,ol ähli kelamyň ýolundadyr, bu sözi Ebu Hanyfa aýdan däldir,çünki bu mesele Ibni Kullabden soň dörändir,ony Ymam Ahmet we beýleki ähli sünnet ymamlary inkär edendirler.

Ymam Tahawy aýdan:“Elbetde Kuran Allanyň kelamydyr ol Alladan gelendir.Ol öz resulyna wahy edip indirendir. Möminler onuň hakdygyny

---

53 Toba - 6.

54 Şugara - 192- 195.

55 Furkan -1.

tassykladylyr we mahlukatlaryň kelamy ýaly mahluk (ýaradylan) däl-de hakykatdan-da Allanyň kelamydygyna iman getirdiler. Kim Kurany eşidip ol adamlaryň sözi diýse kapyr bolar. Alla: «Men ony Dowzada ýakaryn» sözüni, «bu adamyň sözüdir» diýene azap berjekdigini wada berende, biz Kuranyň adamlary ýaradyjy Halygyň sözidigini bildik we Oňa iman getirdik. Ol adamlaryň sözüne meňzeş däldir.

**Ymam aýdan:"Kuranda ýatlanylan Musanyň we beýleki pygamberleriň kyssalary, Firgunyň we Iblisiň wakalarynyň hemmesi Allanyň kelamy bolup Alla bize olar barada habar berendir, Allatagalanyň kelamy mahluk däldir,emme Musanyň we başgalaryň kelamy mahlukdyr,Kuran Allanyň kelamydyr olaryň kelamy däldir. Musa Allanyň kelamyny eşidendie Alla aýdan:"Alla Musa bilen gürleşendi".**

**Şerh**:Alla kitabynda ýatlan ähli wakalar ýagny Musa aleýhi salamyň we beýleki pygamberleriň sözleri ýada Firgunyň „Men siziň rebbiňizdirin" ýada Iblisiň „Sizi Rebbiňiz bu agçdan gaýtarmagynyň sebäbi (iýseňiz siz) perişde bolarsyňyz" diýen sözleri şeýle hem pygamberlerine kapyr bolan öten kowumlaryň olara aýdan sözleri olaryň aýdan sözleridir,Alla şol zatlary bize habar berendir,Allanyň kelamy mahluk däldir,emma Musanyň, Firgunyň,Iblisiň we başgalaryň sözi mahlukdyr (ýaradylandyr) çünki bendeleriň ähli hereketi ýaradylandyr, emma Allanyň olar barada aýdan zady Allanyň kelamydyr, Allanyň kelamy mahluk däldir.

Alla Musa bilen gürleşende, Musa öz gulagy bilen hakykatdan-da Allanyň kelamyny eşidendir. Alla aýdan"Alla Musa bilen gürleşendir[56]" ýenede aýdan:"haçanda Musa biziň bellän ýerimize gelende onuň bilen

---

[56] Nisa - 164.

Rebbi gepleşendir[57]“.Allanyň kelamy ses we harpdan ybarat bolup ol hakyky kelamdyr. Musa hem ony hakykatdan eşidendir.

**Jemleme**: Alla ezelden alymdyr,we ezelden kadyrdyr,ezelden gepleýändir, ezelden halykdyr,kuran Allanyň kelamydyr, mahluk däldir, Allanyň mahlukatlar barada aýdan zady, Allanyň olar barada bize beren habarydyr.

**Sorag-jogap:**

1) Kuran mahlukmy? Mahluk diýeniň hökmi näme?

2) Alla kitabynda kapyrlar barada aýdan zatlary Allanyň sözünden- mi ýada ýok?

**Ymam aýdan:“Alla Musa aleýhi salam bilen gürleşmezden öň gürleýändir,Alla ýaradan zatlaryny ýaratmazdan öň ýaradyjydyr, haçanda Musa bilen gürleşende ezeli sypaty bolan kelam sypaty bilen gürleşendir,Allanyň sypatlary mahlukatlarynyň sypatlaryna tersdir, Onuň bilişi biziň bilişimiz ýaly däl,gudraty biziň gudratymyz ýaly däl,görüşi biziň görüşimiň ýaly däldir.**

**Şerh**: Alla Musa bilen gürleşmezden öň gürleýändir,çünki Allanyň kelam sypaty ezelidir,Ol hakyky kelam bilen gürleýändir,ýöne Ol mahlukatlar ýaly däldir,Alla öňem-soňam gürleýändir,,Musa bilen gürleşmezden öň we gürleşenden soň Ol gürleýändir,Onuň gürlemeklik sypaty ýok bolup soň bar bolmady ,haçanda Musa aleýhi salam bilen gürleşende Ol ezeli kelamy bilen gürländir we Musa hakykatdan-da eşidendir.

Allanyň ezeli sypatlarynyň ählisi şeýledir,Onuň sypatlary mahlukatlarynyň sypatlaryna meňzeş däldir,Alla aýdan:“Ol (Alla) hiç bir

57 Agraf - 143.

zada meňzemez,Ol Eşidýändir,Görýändir[58]“,kim Allanyň sypatlary mahlukatlarynyň sypatlary ýalydyr diýse ýa-da Alla mahlukatlarynyň birine meňzeýändir,ýa-da Onuň mahlukatlarynyň biri Alla meňzeýändir diýse,ol adam Haktagalaga kapyrdyr.

Allanyň sypatlary ezelden bolup,olaryň Allatagala mynasyp, hakyky manylary bardyr, ýöne ol sypatlaryň nähilidigini diňe Alla bilaýändir, çünki ol Allanyň gizlän ylymydyr.

Alla uly bolsun kiçi bolsun ähli zady bilýändir,Alla aýdan:“Elbetde Alla ähli zady bilýändir[59]“.Allanyň ylmy kämil bolup,mahlukatlaryň ylmy nogsanly bolşy ýaly nogsanly däldir, Onuň ylmyndan hiç zat gizlenip galýan däldir,çünki Alla mahlukatlarynyň hiçisine meňzeş däldir we şonuň üçin Onuň sypatlary mahlukatlarynyň sypaty ýaly däldir.Alla ähli zadyň üstünden kadyrdyr, hiç zat Ony ejizletmez Alla aýdan:“ Elbetde Alla ähli zadyň üstinden kadyrdyr[60]“.

Alla ähli zady görýändir bendeleriniň edýän zatlatyndan hiç zat Ondan gizlenip galýan däldir Alla aýdan:“Alla (Musa bilen Haruna) siz gorkmaň Men siz bilendirin, sizi eşidýändirin we görýändirin[61]“,Allanyň görüşi bendeleriň görişi ýaly däldir,Ol hakykatdan görýändir,ýöne nähilidigini Alladan başga hiç kim bilýän däldir,Allanyň sypatlarynyň ählisi nähilidigini ýeke täk özi bilýändir,çünki ol Allanyň gizlän ylmyndandyr.

**Ymam aýdan:“(Alla) Gürleýändir, ýöne Onuň gürleýşi biziň gürleýşimiz ýaly däldir,(Alla) eşidýändir, ýöne Onuň eşidişi biziň eşidişimiz ýaly däldir,biz harplaryň we beden agzalaryň kömegi bilen gürleýäris,Alla (beden) agzasyz we harpsyz gürleýändir,harplar**

---

58 Şura - 11.

59 Mujadala - 7.

60 Bakara - 20.

61 Taha - 46.

**mahlukdyr ,Allanyň kelamy mahluk däldir,ol bir zatdyr,ýöne hiç zada meňzeş däldir,bir zat diýmekligmizden maksat Allanyň kelamy anyk belli zatdyr,ýöne ol jisim ýa-da jöwher däldir, onuň çägi oňa meňzeşlik, deňi taýy mysaly ýokdur**

**Şerh**:Allanyň gürleýşi bendeleriň gürleýşi ýaly däldir,megerem Allanyň özüne laýyk görnüşdedir,Onuň eşdişi hem ynsanyňky ýaly däldir,megerm Özüne laýyk görnüşdedir.

**Ymam aýdan:" Alla (beden) agzasyz we harpsyz gürleýändir** -Bu sözler Ymamyň sözleri däl-de, mutekellimleriň bidgat sözleridir çünki Ebu Hanifa 150-nji hijre ýylynda dünýeden öten bu sözi esaslandyran Ibni Kullab 241-nji hijrede dünýeden ötendir,şeýle hem ähli sünnetiň akydasynda, kuran harplary bilen Allanyň kelamydyr,Alla harp we ses bilen gürländir,Allanyň kelamy halkynyň kelamy bolmaýşy ýaly Onuň sesi hem mahlukatlarynyň sesi ýaly däldir.

**Ymam aýdan:" Ýöne ol jisim ýa-da jöwher däldir onuň çägi oňa meňzňşlik, deňi taýy mysaly ýokdur**- Bu mutekellimleriň sözi bolup Ymam Ebu Hanifanyň sözi däldir,bu sözler umymy sözler bolup olar ykrar hem edilmez we inkär hem edilmez,umuman dymylar.

**Jemleme:** Alla islän wagty bir zada meňzemezden isleýşi ýaly gepleýändir,Allanyň kelamy hiç zada meňzeş däldir,Ol ses we harp bilen gürleýändir,Onuň kelamy mahluk däldir.

**Sorag-Jogap:**

1)Alla belli bir görnüşde gürleýärmi?

2) Allanyň kelamy ses we harpmy ýa-da ýok?

3) Allanyň kelamyny mahlukatlarayň kelamyna meňzedeniň hökmi näme?

## Allanyň sypatlary barada söz.

**Ymam aýdan:Alla kuranda aýdyşy ýaly Onuň eli, didary bardyr,Allanyň kuranda ýatlan didar, el sypatlary Allanyň öz sypatlary bolup, olara meňzeş zat ýokdur.Onuň eli gudraty ýa-da nygmaty diýilmez, çünki bu sözler sypatlary inkär edildigidir we şeýle hem bu sözler kadary we mugtazile ýaly bidgat taýpasynyň sözleridir,ýöne Allanyň eli Onuň sypatydyr hiç- zada meňzeş däldir, Onuň gazaby we ryzasy Allanyň sypatlaryndandyr,hiç zada meňzeş däldir**“.

**Şerh**:Kuranda Alla Özüne el sypatyny isbät edýär (ýöňkeýär) Alla aýdan:“Allanyň eli olaryň elleriniň üstündedir[62]“,didar sypaty barada şeýle diýen:“Onuň didaryndan başga ähli zat heläk bolar[63]“,şu sypatlaryň ählisini bir zada meňzetmezden tasyklamalydyr,çünki Allanyň Özi Özine şu sypatlary ýöňkändir şonuň üçin biz hem olary tassyklamalydyrys,ýöne bize onuň nähilidigini (keýfiýetini) aýtmady, şonuň üçin biz bu barada hiç zat gürlemeli däldiris,çünki bu zatlar gaýyby zatlardyr.Käbir adamlar azaşyp Allanyň sypatlaryny hakykatyndan çykýan derejede üýtgedenler (tewil edenler) ýagny - Allanyň eli Onuň gudraty ýada nygmaty diýenler, Ymam Ebu Hanifa Alla ony rehim etsin olara inkär edip bu söz Allanyň sypatyny inkär etmeklikdir we bu sözler mugtazilitleriň we kadaritleriň bidgat sözleridir diýen we Allanyň el sypaty hakyky sypat bolup ol sypat bize belli däldigini aýdan.

Ymam Alla ony rehim etsin Allanyň gazaby we ryzasy Allanyň hiç zada meňzemez sypatlardandygyny beýan edendir Alla aýdan:“Allanyň olara gazaby gelip olary lagnatlandyr we olar üçin elhenç azap taýynlap goýandyr[64]“. Alla razylyk sypatyny tassyklap şeýle diýen:“Alla olardan razy

[62] Fath - 10.

[63] Kasas - 88.

[64] Nisa - 93.

boldy olar hem Alladan razy boldylar[65]“.Ymam Ebu Hanifanyň mezhebinde şu deliller aýdyň ugur görkezijidirler,we olardan şu aşakdaky zatlar gelip çykýar:

1)Kuranda we sünnetden gelen Allanyň ähli atlaryny we sypatlaryny hiç zada meňzetmezden tassyklamaly (isbät etmeli).

2) Bir sypaty başga bir sypat bilen üýtgetmeli (tewil) däldir.

3) Kim bir sypaty başga bir sypat bilen çalyşsa Ol Allanyň atlaryny we sypatlaryny çalyşyp olary inkär etdigdir.

**Jemleme**:Allanyň sypatlarynyň ählisine iman getirlip olary üýtgedilmezden, bir zada meňzedilmezden boluşy ýaly ynanmalydyr.

**Sorag-Jogap:**

1) Allanyň sypatlarynda ähli sünnetiň ýoly nähili“

2) Allanyň atlarynda we sypatlarynda esasy azaşan taýpalar haýsylar?

3) Allanyň el sypatyny gudrat,gazap sypatyny azap bilen üýtgedeniň hökmi näme?.

## Takdyr barada söz.

**Ymam aýdan:Alla zatlary ýokdan bar edendir,Alla ýaratmazdan öň ähli zady bilendir,Ol ähli zadyň takdyryny ýazandyr,şu dünýede we ahyrýetde bolýan zatlar Allanyň islegine, ylmyna we takdyryna baglydyr,(Alla) takdyry Lowhul-Mahfuzda ýazandyr, kaza takdyr,islegerada Allanyň ezeli sypatydyr.Alla ýok zady ýok halynda bilýändir,eger şol zady bar etse onuň nähili halda boljakdygyny bilýändir,Ol bar zadyň barlygyny bilýändir,eger ýok bolsa nähili halda boljagyny bilýändir,dik duran zadyň dik halyny bilýändir eger otursa onuň oturan halynyň nähili boljagyny bilýändir,Onuň ylmy hiç üýtgeýän**

[65] Beýýina- 8.

**däldir hiç zat goşulýan däldir, üýtgemek we düşinişmezlik mahlukatlarda bolup geçýändir.**

**Şerh:** Alla ähli zady ýokdan bar edendir,Ol islän zadyny ýokdan bar edip bilýandir,Ol hiç bir zada mätäç däldir,Onuň ylymy ezeli ylymdyr ,Allanyň ylmy barada öň söz açandyrys,Alla ähli zadyň takdyryny ýazandyr ýagny her bir zadyň nähili boljagyny bilendir we ýazandyr we islandir, soňra ony ýokdan bar edendir,bar zatlar we ýok zatlar ählisi Allanyň kazasy bilen bolup geçýändir,şu dünýede we ahyrýetde Allanyň islän we bilen we ýazan zadyndan başga hiç zat bolaýan däldir,çünki Alla şol zatlaryň ählisiniň takdyryny ýazandyr we ylymyna görä hem bolup geçýändir,şol zatlaryň hemmesini Lowhul-Mahfuza ýazyp goýandyr.

Allanyň kazasy we ýazan takdyry ezeli sypatlaryndandyr,Alla bolmajak zatlary hem bilendir,şol zatlar ýaradylsa nähli boljagyny hem bilendir,Alla bar zatlary şol zatlaryň bar bolan halyny bilýändir şol zatlary ýok edende nähili halynyň boljagyny bilendir,Alla dik duranyň dik duran halyny,eger ol otursa oturan halynyň nähilidigini bilýändir we şu zatlaryň ählisi Allanyň ylmy üýtgemezden bolaýandyr,çünki Onuň ylmy ezelidir,Allanyň ylmy ähli zatdan ilki bar zatdyr,ol ýaradylan däldir, ylymda üýtgeşiklik Halykda we Onuň sypatlarynda däl-de mahlukatlarda bolýandyr.

Şu sözleriň köpüsi mutekellim alymlaryň sözleri bolmagy mümkin, çünki bu sözler selefleriň (öten alymlaryň) döwrinde belli bolan däldir.

**Jemleme:** Alla ähli zady ýokdan bar edendir,älem jahanda Allanyň eradasy bolmasa hiç zat bolup geçýän däldir.

**Sorag-jogap:**

1) Alla ähli zady nämeden ýaratdy?

2) Allanyň rugsady (isleg eradasy) bolmasa bir zat bolup bilermi?.

3) Allanyň ylmy üýtgeýärmi?.

## Allanyň bendeleri ýaradan fytraty

**Ymam aýdan:Alla bendelerini ýaradanda kufurden we imandan salamat edip ýaradandyr,soňra olara buýruklar berip, käbir zatlardan gaýtarýar,şonda käbirleri kapyr bolýarlar, haky inkär edeniň şeýle etmekligi,kapyr bolmaklary Allanyň ony biabraý etmekligi bilen bolýandyr.Başgalar bolsa iman getirýärler, iman getirenler Allanyň towfik-hidaýaty we ýardamy bilen iman getirendir.Alla Adamyň kükreginden onuň perzentlerini alyp olara akyl berip olar bilen gürleşýär,Alla iman getirip kapyrlykdan gaýtmagy buýurýar,olar rububiýeti töwhidini ykrar edýärler, şu hem olaryň imany bolýar,olar şol fitretde dünýä inýändirler we ondan soň kapyr bolan bolsa, şol fitreti üýtgedendir, iman getiren bolsa şol fitretde galandyr.**

**Şerh:**Ymamyň"**Alla bendelerini ýaradanda kufurden we imandan salamat edip ýaradandyr"** –diýeni dürs däldir, çünki Alla adamlary futratda we birinji almisagy tassyklap ýaradandyr,olaryň fitraty bolsa Allanyň töwhididir we ryzk bermekde ýaratmakda älem jahany dolandyrmakda Onuň ýeke Özidigini duýmaklykdyr,soňra şol fitreti berenden soň, Alla olar bilen Öz pygamberleriniň dilinde olara ýüzlenip olara iman getirmegi we tagat etmegi buýruk berip,kufurden we münker işlerden gaýtarandyr,kapyr bolan öz ygtyýary bilen kapyr bolýandyr Alla aýdan:"Olar dogry ýola derek körligi saýladylar[66]" olar haky inkär edip resullara kapyr boldylar,bu bolsa Allanyň olary masgara etmegi bilen bolýandyr,çünki Alla olary towfik hidaýatdan mahrum edendir,şeýtanlar olara ýoldaş bolup, olary dinden alyp galandyrlar, bu zatlaryň ählisi Allanyň takdyry we isleg-eradasy bilen bolýandyr.

Başga adamlaryň öz ygtyýary bilen Alla iman getirýär bu bolsa Alla ony şeýtana tabşyrman, Özüniň towfik-hidaýaty bereni bilen

---

[66] Fussilat - 17

bolýandyr,kapyr bolanlar hem Allanyň isleg-eredasyndan çykýan däldirler Alla aýdan:“Älemleriň Rebbi (bir zady) islemese siz (hiç) islemersiňiz[67]“.

Alla Adam atanyň perzentlerini onuň kükreginden alyp oalry akylla-huşly edip Özüne iman getirmekligi we töwhidi buýryp şirkden gaýtarýar. Olar bolsa Allanyň rububiýet töwhidini ykrar edýärler. Alla aýdan:“Seniň Rebbiň Adamyň kükreginden onuň perzentlerini alyp olardan „Men siziň rebbiňizmi?“ diýip soraýar, şonda olar:“Howa“ diýip jogap berýärler[68]“.Şu birinji -almisakdyr- birinji beren sözümizdir, adamlar şu fitretde dünýä inýärler, soňra kapyrlyk bilen ony üýtgrdýärler, başgalar bolsa resullaryň dagwatyny kabul edip, iman getirýärler we birinji misakda berk durýarlar,Resulallaaýdan:“Her bir dogulýan çaga fytratda dogulýandyr, soňra onuň ene-atasy ony ýehudi ýada hristian ýada otparaz edýändir[69]“ Şu zatlaryň ählisi Allanyň ýazgydy we isleg-eradasy bilen bolup geçýändir.

**Ymam aýdan:“(Alla) hiç kimi kapyr bolmaga, ýada iman getirmeklige mejbur etmeýär,Alla olary imanly ýada imansyz edip ýaradan däldir,olary şahsyýet edip ýaradandyr,emma iman we kufur bendeleriň öz kesp-kärleridir,Alla kapyr adamyň kapyr boljagyny bilendir,eger ol iman getirse onuň iman getirjegini bilendir. Bendeleriň edýän hereketleri,olaryň ümsümlikleri hakykatdan-da olaryň kesp kärleridir,Alla olary ýaradandyr,şol zatlaryň ählisini <u>Alla bilip, Onuň islegi we takdyry (ýazgyt) bilen bolup geçýändir.</u>**

**Şerh**:Alla hiç-kimi iman getirmeklige ýa-da kapyr bolmaklyga mejbur eden däldir,Alla olary fytratda ýaradandyr, Resulalla aýdan:“Alla aýdan:“Men bendelerimi şirkden päk halda ýaradandyryn[70]“.Allanyň ylmy

---

67 Tekwir- 29.

68 Agraf- 172

69 Buhary 3/290 Muslim 4 /2047

70 Muslim4/2197.

ähli zady gurşap alýandyr,kapyr kişiniň kapyrlygyny bilýändir,eger ol iman getirse nähili boljagyny bilýändir.Ýokarda ýatlanylan sözleriň käbiri ymamyň öz sözi bolmazlygy hem mümkin,çünki selefler öz döwründe şu sözleri aýtmaýardylar.

Bolup geçýän ähli zady Alla bilýändir,Onuň ylmy bir waka baglylykda üýtgeýän däldir,çünki Onuň ylmy ezeldendir,Alla bolan zady we boljak zady we bolmajak zat bolaýsa nähili boljagyny bilýändir.

**Jemleme**:Alla hiç-kimi iman getirmeklige ýa-da kapyr bolmaga mejbur eden däldir,megerem olary fytratda ýaradandyr, Allanyň ylmy üýtgemezden bolan zady we boljak zady bilýändir.

**Sorag-jogap:**

1) Alla kimdir birini iman getirmeklige ýa-da kapyr bolmaklyga mejbur etdimi?

2) Alla adamlary imanly ýaratdymy ýa-da kapyrlykda?

3)Alla zatlary onuň bolýan wagtynda bilýärmi ýa-da ondan öň ?

## Tagat-ybadaty Alla söýýändir,günäler takdyrda ýazylandyr, Alla olary söýýän däldir.

**Ymam aýdan:“Tagat-ybadatlaryň ählisini Alla buýrany üçin, olary söýeni üçin, razy bolýanlygy we isläp takdyrda ýazany üçin wajypdyr, emma günäleriň ählisi Allanyň ýazgydy takdyry ,isleg-eradasy bilen bolýandyr, ýöne Alla ony söýýän däldir,razyda däldir we buýran hem däldir.**

**Şerh**:Sözlerden we amallardan bolan tagatlaryň ählisini Alla buýryp, olary Allanyň özi söýýändir we olardan razy bolýanlygy üçin wajypdyr Alla aýdan:"Eger Alla şükir etseňiz Ol sizden razy bolar[71]".

Şu tagat-ybadatlaryň ähilisi Allanyň ylmy,islegi we takdyr etmegi bilen bolýandyr,sebäbi Alla bendeleriň ähli amallaryny (olaryň etjek hereketlerini) bilendir,şol zatlary isläp takdyrda ýazandyr,eger takdyrda ýazmadyk bolsa şol zatlaryň hiçisi bolmazdy,çünki Alla islemese älemde hiç zat bolýan däldir,Alla aýdan:"Alla sizi we siziň edýän zatlaryňyzy ýaradandyr[72]".we ýenede aýdan:" Älemleriň Rebbi (bir zady) islemese siz (hiç) islemersiňiz[73]".

Şu älem jahanda bolup geçýän günä işler Allanyň ylmy bilen bolup geçýändir. Alla aýdan:" Elbetde Alla asmanlardaky we ýerdäki gaýyp zatlary bilýändir[74]:",ýatalnyp geçen deliller esasynda Alla ähli zady isländir we takdyrda ýazyp goýandyr,ýöne Ol günä işleri halaýan däldir we olardan razy däldir. Alla aýdan:"Eger siz Alla kapyr bolsaňyz, Alla size mätäç däldir,Ol bendelerinden kapyrlyga razy däldir[75]".Alla günä işleri Öz şerigatynda buýran hem däldir. Alla aýdan:"Eger (kapyrlar) bozgak-pahşa işleri etseler"Biziň ata-bablarmyz şu işleri edenler,Alla bize buýurdy" diýerler, sen olara aýt:"Alla pahşa işleri buýurmaýar,siz näme öz bilmeýän zadyňyzy Alla ýöňkeýärsiňizmi?[76]".

---

[71] Zumer - 7.

[72] Saffat - 29.

[73] Tekwir - 29.

[74] Ali Ymran -5.

[75] Zumer -7.

[76] Agraf - 28.

## Pygamberleriň günä işleri etmeýänlikleri barada.

**Ymam aýdan:Pygamberler olaryň hemmesine salawat we salam bolsun uly we kiçi günlerden,kapyrlykdan,ýamanlykdan päkdirler, ýöne olardan käbir ýalňyşlyk çykandyr.**

**Şerh**:Pygamberleriň günä işden goralyp saklanýandyklary barada, olar günä işleri edýärlermi ýa-da etmeýändikleri barada alymlar yhtylaf edenler,Ibni Teýmiýa seleflerden şeýle ýatlaýar:“Alymlaryň köpüsi olar kiçi günäleri edýärler, ýöne gaýtalamaýrlar,bu wasp kemallyk waspydyr, çünki amallar iň soňkysyna görä bolýandyr[77]“

Ibni Teýmiýa şeýle diýen:“Pygamberleriň uly günälerden goralyp saklanýarlar, diýen söz islam alymlaryň köpüsiniň aýdan sözleridir,hat-da seleflerden we sahablardan we tabygynlardan şunuň ýaly söz gelendir[78]“.

Şerigat delilleri hem şuny tassyklaýayr,pygamberden atdanlykda, bilmezdan käbir ýalňyşlyk bolup biler,ýöne Rebbi ony ýazgarar we ol öz eden işinden gaýdýandyr,pygamber bilkastlaýyn şol işleri etmez we Alla ony ykrar etmez,şu söz meselede dogrysydyr,emma olar kapyrlykdan we uly günälerden asla päkdirler.

Olardan käbir ýalňyşlyklaryň bolýanlygyna delil Allanyň şu sözidir „Adam (ata) öz rebbiniň emrinden boýun gaçyrdy[79]“.Alla Ýunus aleýhi salamiň Alla ýüzlenip şeýle diýenini ýatlaýar:“(Eý Allam) Senden başga hiç-hili hudaý ýokdyr,Sen päksiň,elbetde men özüme zulum edenlerden bolandyryn[80]“,Resulalla sallalahu aleýhi we sellem şeýle aýdan:“Eý Allam,

---

77 Minhaj as-sunna - 1/227.

78 Mejmug fatawa - 4/329.

79 Ta-ha 121.

80 Enbiýa -87.

meniň ýalňyşlygymy, nadanlygymy hetden aşa eden işlerimi ýalka[81]“ we ş.m.

**Jemleme**: Pygamberler kapyrlykdan we uly günäleri etmekden we kiçi günäleri bilkastlaýyn etmekden päkdirler eger kiçi günä etselrem hem olar eden işlerinden dänýändirler.

**Sorag-jogap:**

1) Pygamberler kapyrlyk ýa-da uly günäleri edip bilýärlermi?

2) Pygamberleriň eden kiçi günäleriň hökmi näme?

3) Pygamberler dowamatly kiçi günäleri edip bilýärlermi?

## Resulallar barada.

**Ymam aýdan:“Muhammat sallalahu aleýhi we sellem Allanyň habibi,resuly,pygamberi, adamlaryň içinden saýlap, ähli aýplardan päklän bendesidir, ol butlara ybadat edip, Alla şirk ýetiren däldir, uly we kiçi günäleriň hiçisini eden däldir.**

**Şerh**:Muhammet sallalahu aleýhi we sellem Allanyň halylydyr, Resulallaaýdan:“Alla Ybraýymy Özüne halyl tutuşy ýaly meni hem Özüne halyl tutnandyr[82]“.Hullet (Halyl bolmak) muhabbetden (söýgiden) beýik derejededir,şeýle hem Muhammet sallalahu aleýhi we sellem Allanyň bendesidir,Alla aýdan:“Eger siz bendämize indiren zadymyzda (kuranda) şübhelenýän bolsaňyz onda bir süre getiriň[83]“, Muhammet sallalahu aleýhi we sellem Allanyň ähli adamlaryň içinden saýlap, hemme aýplardan päklän bendesidir,ol pygamber bolýança (we ondan soň) hiç buta ybadat eden däldir,Alla hiç-hilu şirk ýetiren däldir,uly günäleriň hiçisini asla eden däldir,bilkastlaýyn ýa-da bilenden soň kiçi günäde eden däldir,Alla

[81] Muslim 4/2087.

[82] Muslim 1/377.

[83] Bakara- 23.

aýdan:“Alla seniň öňki soňky günäleriňi geçer,Öz nygmatyny saňa doly berer we dogry ýola gönükdirer[84]“.

Biz ýokarda pygamberleriň uly günälerden goralýandygyny,kiçi günäleri bilkastlaýyn etmeýänliklerini,eger edäýseler hem dowamatly etmeýänliklerini ýatlap geçendiris,şeýle hem olar ýalan sözlerden ýaman hereketlerden we şuňa meňzňş zatlardan päkdirler,pygambermiz şu päklikde aňrybaşy derejä ýetendir.

**Jemleme**:Pygambermiz Allanyň halylydyr,ol Alla hiç hili şirk ýetiren däldir,uly günä işleri eden däldir,kiçi günäleri bilkastlaýyn eden däldir.

**Sorag-jogap**:

1)Allanyň ýanynda pygambermiz sallalahu aleýhi we sellemiň nähili derejesiniň bardygyny ýatla?

2) Resulalla günä işleri edenmi?

## Sahabalaryň arasyndaky aratapawutlyk.

**Ymam aýdan:Pygamberlerden sallahu aleýhim we sellem soň iň gowy adam Ebu Bekrdir,soňra Omar bin al-Hattab Al-Farukdyr, soňra Osman bin Affan zun-nureýnidir,soňra Ali bin Ebi Talyp murtazadyr,Alla olaryň ählisinden razy bolsun.**

**Şerh**: Pygamberlerden soň iň gowy adamlar resulallanyň sahabalarydyr, olaryň hem iň gowusy Ebu Bekrdir Alla ondan razy bolsun - ol Resulallanyň halyfasydyr,reşit halyfalaryň ilknjisidir,islamy ilkinji kabul eden we iň beýik imanly erkek kişidir, hijretde resulallanyň ýoldaşydyr we onuň iň söýýän adamydyr Resulalla aýdan :“Eger men özüme halyl tutnmaly bolsam, onda men Ebu Bekri özüme halyl tutunardym[85].

[84] Feth - 2

[85] Buhary hadys-3656,Muslim hadys-2383.

Ondan soň Omar bin al-Hattap al-Farukdyr Alla ondan razy bolsun. Ol reşit halypalaryň ikinjisidir,şehit Ebu Bekrden soň ummatyň iň haýyrly adamsydyr,Alla onuň elinde köp açyşlar edip, şäherleri bina eden ol barada Resulalla aýdan:“Sizden öňki kowumlarda ylham edilýän adamlar bolanlar,eger meniň ummatymda şeýle adam bolmaly bolsa ol Omar bolar[86]“

Soňra Osman bin Affan zun-nuraýni Resulalla oňa iki gyzyny durmuşa çykarandyr,reşit halypalaryň üçünjisi Resulalla dünýeden ötende ondan razy bolup öten zulum bilen öldürlen şehitdir Rasulalla aýdan:“Perişdeleriň utanýan adamsyndan men utanmaýynmy“ ýagny Osmandan.

Derejede olaryň yzyndan dördünji halyfa batyr söweşjeň pälwan Aly bin Ebi Talyp gelýändir Alla ondan razy bolsun - Resulalla Fatma gyzyny oňa durmuşa çykarýar,jennetiň seýitleri Hasan we Huseýniň kakasydyr,ol hem şehitdir,Resulalla aýdan:“Harunyň Musanyň ýanynda nähili derejesi bar bolsa şonuň ýaly derejäň meniň ýanynda bolmaga isleýärsiňmi,ýöne menden soň hiç pygamber ýokdyr[87]“.

Şu dört halyfa Resulalla jennet bilen aýdyň şaýatlyk edýär,biz olardan Alla razy bolsun diýeris,olaryň gadryny bilip,diňe ýagşylykda ýatlarys.

## Musulman adam günä işe halal diýmese günä edenligi üçin ony kapyr etmeris.

**Ymam aýdan:Olar hakda we hakyň üstünde berk durup ybadat edenler,olaryň ählisini özümize dost tutunarys, Resulallanyň sahablaryny diňe ýagşylykda ýatlarys.Eger musulman adam uly günä etsede halal diýmedik bolsa oňa kapyr diýmeris,iman adyny ondan**

---

[86] Buhary hadys - 3589,Muslim hadys-2398.

[87] Buhary hadys-3706, Muslim hadys-2404.

**aýyrmarys,ol mömin kişidirh ýöne ol kapyr däl-de pasyk mömin kişidir.**

**Şerh:** (Sahabalar) Alla olary rehim etsin Alla ybadat edip hakyň üstünde sarsman berk duranlar,olar haka lazym bolup,batyl zatlaryň ählisinden daşda duranlar, biz olaryň ählisini söýeris,Resulallanyň sahablarynyň ählisini diňe haýyrda ýatlarys,olar barada ýaman söz sözleýänleri ýigreneris, Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan:“ Meniň sahabalaryma sögmäň[88]“.

Ymam Tahawy özüniň akyda kitabynda şeýle aýdan:“ Resulallanyň sahabalaryny söýeris, ýöne olary söýmekde çenden geçmeris we olaryň hiçisinden dänmeris.Olary ýigrenip ýamanlykda ýatlaýan kişini ýigreneris.Sahabalary diňe haýyrda ýatlaýarys,olary söýmeklik din, iman we yhsandyr,olary ýigrenmeklik bolsa kapyrlyk, mynafyklyk we azgynlykdyr“.

Uly günä iş eden adam şol günä işe halal diýmese, hawarijleriň dineden çykaryşy ýaly ähli sünnet dinden çykarýan däldir,emma welin günä iş halaldyr diýse, onda şol sözi üçin ol kapyrdyr,eger nadan bolup hiç zat bilmeýän bolsa oňa öwrediler, eger ol şonda-da öz diýeninde galsa ol kapyrdyr.Hawarijler (günä eden adama) ol kapyrdyr diýenler, mugtazililer bolsa ol iki derejäniň arasynda-dyr diýenler we olaryň ählisi onadan iman adyny aýranlar,emma ähli sünnet ol imanlydyr diýýärler, ýöne eden günäsi üçin ol imany kemterdir diýenler,çünki iman tagat ybadat bilen artýar,günä işler bilen kemelýändir.

Mömin kişi günä işleri etmegi bilen islamdan çykmazdan pasyk bolýandyr. Alla aýdan:“Päkize mömine zenanlary (zyna) aýby bilen aýyplap, dört şaýat getirmedikleri segsen gezek gamçylaň we olardan hiç-hili şaýatlyk kabul etmäň,çünki olar pasyklardyr[89]“.Alla şu aýatda olara

88 Buhary hadys-3673,Muslim hadys-2541.

89 Nur-4.

pasyk diýen,olary kapyr eden däldir.Şu meselä gaty üns bergin, bu mesele gaty möhüm meseledir, çünki bu meselede köp adamlaryň aýagy taýandyr,Allanyň Özi gorap saklasyn.

**Jemleme**:Sahabalaryň iň gowsy Ebu Bekr,soňra Omar,soňra Osman,we Alydyr,sahabalaryň hemmesini gowy görüp olaryň ählisini ýagşylykda ýatlarys,halal diýmese musulman adamy günä iş edeni üçin oňa kapyr diýmeris.

**Sorag-jogap:**

1) Resulalladan soň sahabalaryň iň gowlary kimler?

2) Sahabalary ýagşylykdan başga ýerde ýatlap bolarmy?

3) Günä edeni üçin musulmana kapyr diýip bolarmy,ol kapyrdyr diýeniň hökmi näme?

## Ähli sünnetiň käbir akydasy barada

**Ymam aýdan:"Mesi çekmek sünnnetdir,Remezan gijeleri tarawa namazlary okamak hem sünnetdir, (ymam) ýagşy bolsun ýaman bolsun yzynada namaz okamak dürsdir. Mömin bende günä etse onuň eden işi zyýan bermez diýmeris,ol otdadyr diýmeris,ol otda <u>ebedi galýar hem diýmeris.</u>**

**Şerh**:Mesi çekmek Resulalladan sahyh bolup gelen sünnetdir,ol mutewatur derejä ýetendir,we kyraatlaryň birinde mesi çekmegiň dürsdigini görkezýän delil bardyr.Mugyra Resulallanyň aýakgabyny çykarjak bolanda ol:"Degme men olary päk halynda geýdim diýýär"Ähli sünnet mesi çekmegi diniň esaslaryndan hasap edýär, çünki şu meselede bir-näçe bidgat taýpalary olaryň garşysyna gidenler.

Remezan gijeleri tarawa namazlary Resulallanyň sünnetu bolup sahabalaryň eden işleridir,Resulalla aýdan:"Kim Remezan aýyny iman we sogaba umyt edip namaz okasa onuň öten günäleri geçiler".

Eger bidgaty dinden çykarýan bolmasa ýada özi bidgata çagyrýan bolmasa ,kybla bakyp namaz okaýan ýagşy bolsun ýaman bolsun her kesiň yzyndan namaz okap bolýandyr,eger sünni ymam ýok bolsa onda bidgaty dinden çykarmaýan bidgatçynyň yzynda namaz okamaga rugsat berilýändir.Ymam Tahawy aýdan:" Musulmanlardan, ýagşylaryna we ýaramazlaryna(günä iş edýänlerine) uýup namaz okarys we olara jynaza namazyny hem okarys".

Ähli sünnet murjileriň :"Mömin bendä günä zyýan berýän däldir" diýýän däldir,meger günä işler bendä zyýan berip,onuň imanyny kemelder,günä iş eden kapyrlyga uçramakdan ägä bolmaludur.Ahli sünnet:"Günä işler imany kemeldýändir„diýýarler.Tahawy aýdan:" Imany bolanyň günä işi etsede, onuň günäsi zyýan bermez diýmeris".

Şeýle hem ähli sünnet şeýle diýýär:"Eger mömin bendäniň günäleri sogabyndan köp bolup, Alla islese ol dowzaha girmegi mümkin, çünki eden günäsi üçin onuň imany kemelendir,eger ol bendede iman bar bolsa ol günäsine görä azap çeker,soňra ol jennete girer,emme Hawarijler bolsa uly günä eden adam ebedi otdadyr diýenler,Mugtazilitler günä iş edeni imandan çykarýarlar kapyrlyga salman „Ol adam iki derejäniň arasynda" diýýärler,ahyrýetde ol ebedi otdadyr diýenler.

**Ymam aýdan:"Hatda pasyk hem bolup dünýeden mömin bolup çykyp giden bolsa, biz murjiler ýa-ly:"Biziň eden sogap işlerimiz kabuldyr, günälermiz ýalkanandyr" diýmeris,ýöne:"Kim hiç-hili nogsansyz ýagşy amaly şertlerne laýykda ýerine etirip,we ony tä dünýeden çykýança kapyrlyk ,riddet ýa-da ýaramaz ahlak bilen bozmasa, Alla ol amaly heläk etmez,megerem kabul eder oňa sogap berer**

**Şerh**:Ähli sünnet pasyklar uly günä eden bolsalarda, imanyň asly bar bolsa olar jähennemde ebedi galýandyrlar diýýän däldirler,şeýle hem

murjileriň aýdyşy ýaly „Biziň ýagşy amallarmyz kabuldyr,ýaman amallarmyz ýalkanandyr „diýip çürt kesik edýän däldirler,megerem Alla biziň ýagşy amallarymyzy kabul edip, günälerimizi ýalkar diýip umyt edýäris,we möminler özlerinden arkaýyn däldirler.Resulalla aýdan:“ (Möminler)oraza tutýarlar,namaz okaýarlar, sadaka berýärler, ýöne kabul bolmaz diýip gorkýandyrlar,elbetde olar ýagşy işlerde biri-biri bilen ýaryşýandyrlar“

Ähli sünnet aýdan:“Eger mömin bende ýagşy amaly,onuň ähli şertlerine görä berjaý etse we ol amal riýa ýaly aýyplardan päk bolsa we kufr riddet ýaly zatlar bilen bozmasa,çünki Alla aýdan:“Sizden kim dininden dänse we ol kapyr halynda ölse, onuň eden amaly şu dünýede-de we ahyrýete-de batyldyr“ we şeýle hem ýaman ahlak bilen bozmasa. Alla aýdan:“Öz beren sadakalaryňyzy minnet etmek we (başgalara) ezýet bermek bilen batyl etmäň“we beýleki ýaramaz gylyk-häsiýetler bilen bozmasa, dünýeden ötýänçä ol dürs imanly bolsa,onda Alla Öz fazly keremi bilen onuň ýagşy amallaryny kabul eder,olary puja çykarman sogap berer.Resulalla aýdan:“Kim halal kesbinden gazanan bir hurmany sadaka berse,çünki Alla halal zatdan başga zady kabul edýan däldir,onda Alla ony Öz sag goly bilen kabul eder, siziň biriňiziň öz düýesine seredişi ýaly sereder we ol dag ýaly ulalar“.

**Ymam aýdan:“Kim şirk we küfürlikden başga günä iş edip, toba etmän ölse, ol adam Allanyň eradasynda bolar, Alla islese azap berer, islese asla azap bermän ýalkar,eger ryýa we ujub (öz-özüňden guwanmaklyk) bir amalda bar bolsa, ol amalyň sogabyny batyl edýändir.**

**Şerh**:Mömin kişi şirk we küfürlikden başga günä işleri edip toba etmezden dünýeden öten bolsa, ol adam imansyz diýilmez çünki ähli sünnet :“Ol adam Allanyň eradasyndadyr,islese azap berer,soňra imany sebäpli

otdan çykarar ýa-da asla azap berilmez. Alla aýdan:“Alla Özüne şirk ýetirmekligu ýalkaýan däldir,megerem ondan başga günäni islese ýalkaýandyr[90]“.Resulalla aýdan:“Kim günä iş eden bolsa we ony Alla gizlän bolsa ony Alla çözer,islese ýalkar,islese azap berer[91]“,şu bapda şu söz dogrysydyr.

Emma welin riýa amal bilen garyşsa,amalyň sogaby batyl bolar, eger şol amala diňe ryýä iteren bolsa onda amalyň özi batyldyr,we öz-özüňden guwanmaklyk hem amaly sogabyny batyl edýän zatlardandyr,ol edýän amalyny iň kämil görnüşde edendirin, beýik derejelere ýetendirin diýip Alla minnet edýär,emma hakykatynda bolsa“Alla sizi imana hidaýat edeni üçin minnet eder,eger aýdýanyňyz hak bolsa[92]“.Adam öz amallarynyň nogsanylydygyny bilmelidir we Alladan eden nogsanlygy üçin rehmet dilemelidir.

**Jemleme**: Ähli sünnet mesi çekmek,Remezan aýlarynda tarawa namazlary dürsdir diýýärler,ýagşynyň we ýamanyň yzynda namaza uýýarlar,we irjäden daşlaşyp :“Günä eden kapyr däldir“ ýöne ol adam Allanyň eradasyndadyr“ diýýärler we „Günä işler zyýan berýän däldir“ diýýän däldir.

**Sorag-jogap:**

1)Mesi çekmekligiň we Remezanda tarawa namazlarynyň hökmi näme?

2) Ýaman adamyň yzyndan okalan namazyň hökmi näme?

3) Imanly adama günä zyýan berip bilermi?

4)Günäkär musulamnyň hökmi näme? Ol otdadyr diýp çürt kesik aýdylarmy?.

---

90 Nisa- 48.

91 Buhary hadys-18.

92 Hujurat -17.

# Pygamberleriň mugjyzalary,welileriň keramatlary hakdyr.

**Ymam aýdan:“Pygamberleriň mugjyzalary we welileriň keramatlary hakdyr,emma habarlarda gelen Iblis Firgun,Dejjal ýaly Allanyň duşmanlarynyň edýan işlerine mugjyza ýa-da keramat diýmeris,ýöne Alla olaryň gerek hajatlaryny bitirýändir diýeris. çünki Alla Öz duşmanlarynyň hajatlaryny olary hilä salmak üçin we olara azap bermek üçin bitirýändir,olar şonda pälleri has beter azyp küfürligi artar,we şu zatlaryň ähli bolar.**

**Sözlük:** Keramat bu Allanyň Öz bendesini sylap adatdan daşary bir zat bermekligi.

**Şerh**:Pygamberleriň we resullaryň mugjyzalary şek-şübhesiz hakdyr,olaryň sadyklygyny subut etmekleri üçin Allanyň olara beren adatdan daşary işleridir, mysal üçin: Salyh pygambere düýe berlen Alla aýdan:“şu Allanyň düýesi size aýat bolup gelendir[93]“,Ybraýymyň otdaky haly. Alla aýdan:“Biz:“Eý ot Ybraýyma sowkluk we salamatlyk bol“ diýdik[94]“,Musanyň hasasy Alla aýdan:“Biz Musa „eliňdäki taýagy ýere zyň diýip wahyý etdik[95]“,we şuňa meňzeşler.

Şeýle hem welileriň keramatlary hakdyr, şu meslede delil Allanyň şu sözidir „Her gezek Zekeriýýa onuň (Merýemiň) ýanyna girende onuň ýanynda (üýtgeşik) ryzk görýärdi ol:“Eý Merýem bu zatlar saňa nireden geldi“ diýende ol:“Allanyň ýanyndan“diýýär[96]“.Salyh adamlarda bolýan adatdan daşary ýagdaýlaryň ählisi Allany olary sylap beren keramatydyr.

---

[93] Agraf- 73.

[94] Enbiýa – 69.

[95] Agraf -117.

[96] Ali Ymran -37.

Emma Iblis ýa-da Firgunyň jadygöýleriniň zyňan taýaklary adamlaryň gözlerine ýöraýän ýylan bolup görünmegi,ýa-da Dejjalyň ýeriň ýüzinde tiz ýöremegi, ölini direltmegi ýaly Allanyň duşmanlarynda bolýan wakalara mugjyza diýmeris, çünki olar pygamber däldirler,we şol zatalra keramat hem diýmeris, olar Allanyň welileri däldirler,megerem olar Allanyň duşmanlarydyr,şu zatlara -Alla olaryň hajatlaryny bitirip bermegidir diýeris,çünki Alla Öz duşmanlarynyň hajatlaryny olary hilä salmak üçin we olara azap bermek üçin bitirýändir,olar bolsalar özleri dogry ýolda hasap edýändirler, olar şonda pälleri has beter azyp küfürligi artar we Allanyň azabyna mynasyp bolarlar. Alla aýdan:“Haçanda olar buýrulan zatlary unudanlarynda, biz olara ähli zadyň gapysyny açdyk,olar özlerine berlen zat, bilen begendiler,şonda biz olary birden tutdyk, olar bolsa“[97]Şu zatlaryň ählisi ýagny mugjyzalar,keramatlar we hajatlary bitirmeklik bolýan zatdyr, çünki Alla ähli zadyň Eýesidir,Ol ähli zadyň üstünden kadyrdyr.

**Jemleme**: Pygamberleriň mugjyzalary we welileriň keramatlary hakdyr,emma möminlerden başgalaryň adatdan daşary hadysalary olar üçin hilelikdir.

**Sorag-jogap:**

1) Welileriň keramatlary näme,üç mysal getir?

2) Pygamberleriň mugjyzalary hakmy?Onuň delili näme?

3) Möminlerden başgalarda bolup geçýän adatdan daşary hadysalaryň hökmi näme?

## Ahyrýetde Allany görmek barada

**Ymam aýdan:Alla (ýaradan zatlaryny) ýaratmazdan öň Ýaradyjydy,(hiç-bir zada) ryzk bermezinden öň Ryzk berijidir**

---

97 Engam -44.

**(Razzakdyr) Allany kyýamatda (musulmanlar) görerler,möminler jennetde Ony öz hakyky gözleri bilen görerler,hiç-hili meňzeşlik bolmaz,Alla bilen ýaradan zatlarynyň arasynda araçäk bolmaz“.**

**Şerh:**Alla (ýaradan zatlaryny) ýaratmazdan öň Ýaradyjy (Halyk) ada mynasypdyr,Tahawy Alla ony rehim etsin özüniň akyda kitabunda şeýle aýdan:“Mahlukatlary ýaratmazdan öň hem öz sypatlaryna eýedir.Olary ýaradandan soň öň bolmadyk sypata eýe bolan däldir. Onuň sypatlary owal ezeli boluşy ýaly, soň hem ebedidir. Mahlukatlary ýaradandan soň Halyk (ýaradyjy) sypata eýe bolan däldir we olary ýokdan bar eden soň (Bary) ýokdan bar ediji sypata eýe bolan däldir“.Alla (hiç-bir zada) ryzk bermezinden öň Ryzk berijidir (Razzakdyr).

Möminler Allany kyýamat güni hakyky gözleri bilen görerler. Alla aýdan:“ol güni (möminleriň) ýözleri nuranadyr,Rebbine seredýändirler[98]“ Alla kapyrlar barada şeýle aýdan:“Ýok olar ol güni Rebbinden(Ony görmekden) perdelenerler[99]“,eger kapyrlar Allatagalany görmekden perdelenýän bolsalar onda möminler perdelenýän däldirler,olar Allany görerler.Resulalla aýdan:“Siz şu aýy görüşiňiz ýaly öz Rebbiňizi görersiňiz biri-biriňiz bilen dykylyşmarsyňyz[100]“,Möminler hakykatdanda Allany görerler,şol didarlaşmagy inkär ediýän sözler bilen üýtgetmeris we didarlaşmak hiç bir (adam belli) zada meňzemez,Jahmileriň we Mugtazilileriň inkär edişleri ýaly inkär etmeris.

Ymamyň:“ **Alla bilen ýaradan zatlarynyň arasynda araçäk bolmaz**“- diýen sözleri Ebu Hanifa ýöňkelýän söz bolmagy mümkin, çünki bu mutekellimleriň sözidir,şeýle hem ýokarda ýatlan didarlaşmak hiç bir zada meňzemez diýen sözüň tersine gidip Alla bilen didarlaşmagy bir zada

98 Kyýamat -22-23.

99 Mutaffifin -15.

100 Buhary hadys554.

meňzedýär,şeýlede eger adam bilen görýän zadynyň arasynda araçäk bolmasa ony nähili görüp bolar?.

**Jemleme**:Allada Öz sypatlary älem-jahany ýaratmazdan öň bardy,Alla kyýamatda hiç bir zada meňzedilmezden hakyky göz bilen görler.

**Sorag-jogap**:

1) Allanyň ýaradyjy we ryzk beriji sypatlary haçandan bar?

2) Kyýamat güni Allyny hakyky göz bilen görülermi?

## Imanyň beýany

**Ymam aýdan:Iman ykrar edip tassyklamakdyr,ýerdäkileriň we asmandakylaryň iman getiren zada baglylykda imany artýan hem kemelýän däldir,emma tassyklaýşa we ynama baglylykda ol artýandyr we kemelýändir,möminler imanda we töwhitde deňdirler olar amallarynda tapawutlanýandyrlar.**

**Sözlik**: Ykrar etmek- boýun almak.

**Şerh**:Ebu Hanifa iman meselesinde öz akydasyny beýan edýär, iman onuň üçin dil bilen ykrar edip, kalp bilen tassyk etmeklikdir we ýerdäkileriň we asmandakylaryň imany artýan ýa-da kemelýän däldir, bu bolsa selefleriň ýoluna ters gelýändir, çünki iman seleflerde tasyyk , ykrar we amal etmekdir,we ol artýandyr we kemelýändir, Resulalla aýdan :"Ýeke-täk imanyň nämedigini bilýärsiňizmi? Olar:"Alla we Onuň Resuly has gowy bilýändir" diýýärler Ol:"Alladan başga hudaýyň ýoklygyna we Muhammediň Onuň resulydygyna şaýatlyk etmek,namaz okamak,zekat bermek,Remezan aýynda oraza tutmak we oljanyň bäşden bir bölegini bermek[101]".Imanyň artmagy we kemelmegi barada Alla şeýle diýen:"Iman

101 Buhary hadys-53,Muslim hadys-17.

getirenleriň imany artmagy üçin[102]“.Şu meselede delil köpdir,emma Ymamyň ýatlan zady Alla ony rehim etsin geçen alymlaryň ýoluna çapraz gelýändir.

Ymamyň:“Iman getirlen zada baglylykda imany artýan hem kemelýän däldir“-bu mutekellim alymlaryň soňky döreden sözleridir seleflerde bu sozler ýokdy,olar:“Iman artýar we kemelýär,tagat-ybadat bilen artýar,günä işler bilen kemelýär“ diýenler.

Şeýle hem Ymamyň imanda möminleriň hemmesi deňlemegi hem dogry däldir,çünki perişdeleriň we pygamberleriň imany umumy iman getirenler bilen deň däldir.Şu meselä gaty üns berilmelidir.

**Jemleme**:“Ähli sünnetde iman söz we amaldyr,ol artýar we kamelýär,möminler amalda we imanda biri birlerinden tapawutlydyrlar.

**Sorag-Jogap**:

1) Ähli sünnetde iman näme?

2) Iman Ähli sünnetiň ýolunda iman artyp kemelýärmi?

3) Möminler imanda deňdirlermi?

## Islam bilen Imanyň arabaglanşygy

**Ymam aýdan:“Islam bu Allanyň buýrugyna boýun bolup, emrine tabyn bolmakdyr,iman we islam sözleri arap dilinde biri birinden tapawutlydyr,ýöne islamsyz iman bolýan däldir we imansyz islam bolýan däldir,şunuň mysaly bir zadyň içi bilen daşy ýalydyr. Din diýip - imana,islama we ähli şerigata (şerigatyň buýruklaryna) aýdylýandyr.**

**Şerh**:Islam sözüniň manysy-Alla boýun bolup,Onuň emrine tabyn bolmak we hiç zady gaýtarmaly däldir,we islam kämil şekilde bolmagy üçin

[102] Muddesir -31.

musulman adam Allanyň we resulynyň emrine ikirjiňlenmezden tabyn bolmalydyr.

Başga bir tarpdan arap dilinde islam bilen imanyň tapawudy bardyr,çünki dildäki olaryň asyl manysy tapawutlydyr,emme welin hakykatda bolsa bir zadyň içi daşyna bagly boluşy ýaly bir birine baglanşyklydyr,eger hersi aýratynlykda ýatlanylsa biri beýlekisiniň manysyny öz içinde jemleýär ýagny tassyklamak,ykrar etmek we amal etmek manysyny berýär,emma ikisi bir ýerde gelse onda islam daşky amallara degişli bolar,iman bolsa içki amallar degişlidir.

Din sözi özünde islamy,imany we islamyň ähli şerigatyny özinde jemleýändir,çünki Resulalla sallalahu aleýhi we sellem Jebrail aleýhi salama imanyň, islamyň we ihsanyň nämedigini habar berenden soň :“Ol size diniňizi öwretmäge geldi“ diýýär we ýatlanylan ähli zady dinden edýär we din sözi ähli şerigaty özünde jemleýänligini görkezýär.

**Jemleme**: Islam -bu boýun we tabyn bolmakdyr,arap dilnde olar tapawutlydyr,eger olaryň ikisi bir ýerde gelse manylary üýtgeşik bolar, eger aýratyn ýerlerde gelse biri beýlekisiniň manysyny özünde jemlär,din sözi islamy,imany we ähli şerigaty özünde jemlenýändir.

**Sorag-jogap:**

1) Islam sözüniň manysy näme?

2) Islam bilen imanyň nähili arabaglanşygy bar?

3) Din sözi näme aňladýar?,Ol özünde ähli şerigaty jemleýärmi?

## Biziň Allany tanamaklygmyz.

**Ymam aýdan:Biz Allany kitabynda wasyplan wasyplar bilen Ony tanarys,Alla mynasyp şekilde hiç kim Oňa ybadat edip bilmez, emma kitabynda we resulynyň sünnetinde buýruşy ýaly ybadat ederis. Möminleriň hemmesi imanda Alla bil baglamakda, Alla bolan söýgide,**

**razylykda, gorkyda, umytda ynamda deňdirler, imandan başga zatlarda olar tapawutlydyrlar.**

**Şerh**:Möminler Allany kitabynda wasyplaýşy ýaly ähli atlary we sypatlary bilen tanarlar,Alla Özüni nähili wasyplan bolsa mömin kişi hem Ony şeýle wasyplar,Alla Özüni näme zatdan päklän bolsa, mömin kişi Ony şol zatlardan päkleýändir,bu diýdigmiz mömin kişi Allanyň ybadatyny doly edýändir diýdigmiz däldir,çünki Allanyň hak ybadaty bendäniň edip biljeginden agyrdyr,eger bir adam ýetmiş ýyl dynman ybadat etsede göz nygmaty ýaly nygmatyň şükrini eda (berip) bilmez.

Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan:"Biliň hiçiňiziň amalyňyz ony jennete salmaz[103]", ýöne mömin bende Alla kitabynda we Resulalla sünnetinde buýryşy ýaly ybadat edýändir.

Ebu Hanifanyň aýdyşy ýaly - möminleriň ählisi iman amallarynda- Alla bil baglamakda, Alla bolan söýgide we ş,m.deň boluşlary ýaly olar Allany tanamakda we imanda deňdirler,ýöne bu ýalňyşdyr çünki möminler ýatlanylan ähli zatlarda biri birlerinden tapawutlydyrlar,çünki hiç kimiň imany ýada Alla bil baglamaklygy, Pygamberiňki ýaly däldir, möminler imanda we amallarda biri birlerinden tapawutlydyrlar.

**Jemleme**:Hiç kim Allanyň ybadatyny kämil görnüşde eda (berjaý) edip bilmez, möminler bendeler imanda we ýagşy amallarda biri birlerinden tapawutlanýandyrlar.

**Sorag-Jogap:**

1) Kimdir biri kämil görnüşde Allanyň ybadatyny eda edip bilermi?

2) Möminler imanda we amallarda tapawutlymy ýada deňdirlermi?

## Pygamberleriň şepagaty,Mizan we Howuz barada

---

[103] Muslim hadys-2816.- ýagny "Amallar jennetiň muzdy däldir.

**Ymam aýdan:Allatagala bendelerine fazly-keremlidir, adyldyr,Öz fazly keremi bilen bir sogaba derek köp-köp sogap berýändir,Öz adyllygy bilen günä iş edene azap berýändir,ýada ýalkaýandyr,pygamberleriň şepagaty hakdyr,Pygambermiz sallalahu aleýhi we sellemiň şepagaty günäkär möminlere, oda girmeli uly günä eden admalra beriljegi hakdyr,kyýamat güni amallar mizanda çekiljegi hakdyr,Pygamber sallalahu aleýhi we sellemiň howzy hakdyr.**

**Sözlük**:Şepagat-bir adamdan işiň bitirmegini soramak.

**Şerh:**Alla Öz nygmaty, haýyr-yhsany,rehmedi bilen bendelerne fazly keremini berýändir,Ol adyldyr,zulum edýän däldir,bendäniň mynasyp bolan sogabyndan has köp sogap berýändir,bu Allanyň fazly-keremindendir. Alla aýdan:"Elbetde Alla zerre ýaly zulum edýän däldir, eger bir ýagşylyk bolsa Ol artdyryp ýagşylyk berer we Öz ýaznyndan uly sogap berer[104]".

Alla bendäniň eden günäsi üçin azap berýändir ,beren azaby Özüniň adyllygy bilen bolýandyr,çünki bende günäsi bilen şol azaba mynasyp boldy,ýada Alla Öz fazly-keremi bilen günäni ýalkaýandyr,bu şükür etmeklige mynasyp bolan uly nygmatdyr.

Kyýamat güni pygamberleriň şepagaty Kuranda,sünnetde gelendir we ijmag bilen tassyklanandyr. Alla aýdan:"Allanyň rugsady bolmasa kim şepagat edip biler[105]",ýöne olaryň şepagaty Allanyň rugsady bilen bolýandyr. Pygambermiz sallalahu aleýhi we sellemiňiň şepagaty musulmanlardan günä işi sebäpli jähenneme mynasyp bolanlara berler,bu hakdyr Resulalla sallalahu aleýhi we sellem aýdan:"Meniň şepagatym ummatymyň uly günä edenlerine berler[106]".

---

104 Nisa-40.

105 Bakara-255.

106 Ahmet-3/213,Ebu Duwut hadys-4739,Tirmizi hadys-2435"Sahyh jamig sagyrda Al-Albani sahyh diýen"

Kyýamatda amallar mizanda çekiljegi kuranda,sünnetde gelendir we ijmag bilen tassyk edilendir, Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň howzy hem hakdyr,ol uly howuz bolup suwy süýtden hem ak ,baldan süýji, misk ysly,jüňňülleriniň sany asmandaky ýyldyzlaryň sany ýalydyr,kim ondan owurtlasa hiç suwsamaz,kyýamat güni möminler gelerler,bidgatçylar bolsa daşda durarlar Resulalla aýdan:"Meniň howzum bir aý ýol aralykdadyr, suwy süýtden hem ak ,baldan süýji, misk ysly,jüňňülleriniň sany asmandaky ýyldyzlaryň sany ýalydyr,kim ondan owurtlasa hiç suwsamaz".

## Jennet we ot ýok bolup gidýän däldir.

**Ymam aýdan:Kyýamatda adamlaryň arasynda sogap bilen ar alyşyk boljagy hakdyr,eger sogaby bolmasa onda garşydaşynyň günäsinde alynyp ol adama beriljegi hakdyr.Jennet we ot häzir bardyr hiç ýitip gitmez,hüýrler hiç ölýän däldir,Allanyň azaby ýitip gidýän däldir.**

**Alla islän bendesini Öz fazly bilen hidaýat eder(dogry ýola ugrukdyrar),Öz adyllygy bilen islän bendesini dogry ýoldan azaşdyrar, azaşdyrmagy ony biabraý etmegidir, ýagny Alla razy boljak zadyna ugrukdyrmaz.**

**Şerh**:Kyýamat güni dawagärleriň arasynda ar alyşyk zalymdan mezluma sogabyndan berilýär,eger sogaby ýok bolsa mezlumyň günäsinden zalyma berler Resulalla aýdan:"ol adama sogabyndan berler,bu adama sogabynda berler,eger sogaby gutarsa olaryň günälerinden alnyp zalyma berler we ony oda taşlanylar[107]".

Ähli sünnet, jennet we ot mahlukdyr we olar häzir bardyr we olar ýitip gitmeýär diýip ygtykat edýändirler,hüýrler hem ebedi diridirler,ot we ondaky azap ebedidir,Allanyň azaby bakydyr,sogaby hem bakydyr.

---

[107] Muslim hadys-2581,Ahmet 2/303,Tirmizi hadys2418.

Alla islän kişini Öz fazly-keremi bilen hidaýat edýär,Öz adyllygy bilen azaşdyrýar. Alla aýdan:“Ýöne Alla islän bendesini azaşdyrýar we islänini dogry ýola gönükdirýär[108]“.

Ymam Tahawy aýdan:“Öz fazly-keremi bilen islänini dogry ýola gönükdirýär,islänini hem bela-beterden alyp galýar we şypa berýär.Öz adyllygy bilen islänini dogry ýoldan azaşdyrýar, bela-betere uçradýar we synaýar.Hemmeler Onuň erada-isleginde fazly-keremi bilen adylynyň arasyndadyr“.

Azaşdyrmak ýagny Allanyň razylygyna eltýän amallardan mahrum etmeklikdir,eger Alla bendesini biabraý etse, ol bende şol biabraýçylyga mynasypdyr,we şol biabraýçylygy bilen günä etse Allanyň oňa berjek azaby adyllykdyr.

**Jemleme**:Alla günä işe islese azap berýär ýada ýalkaýar, sogaplary artdyrýar,pygamberleriň şepagaty,mizan,howuz,ar alyşyk hakdyr ,jennet we ot hakdyr we olar ýitip gidýän däldir,Alla islän bendesini dogry ýola gönükdirýär we islänini azaşdyrýar.

**Sorag-jogap:**

1) Pygamberleriň şepagaty barada näme aýdarsyň?

2) Mizan we howuz barada näme bilýärsiň?

3) Kyýamat güni adamlaryň arasynda ar alyşyk bolýarmy?

4) Jähennem odynyň we jennetiň soňy barmy?

## Gabyr azaby barada

**Ymam aýdan:“Şeýtan güýç bilen,mejbur edip adamyň imanyny alýandyr diýmek dürs däldir,ýöne bende imanyna üns bermese şol halda şeýtan onuň imanyny kakyp alýandyr.**

---

108 Nahyl-93.

**Adam gabyrda Münker we Nekiriň ony soraga çekjekleri hakdyr, gabyrda ruhuň jesede dolanyp geljegi hakdyr,kapyrlaryň hemmesini gabyryň gysjagy hakdyr,käbir günäkär musulmanlary gysyp aljagy hakdyr.Alymlaryň pars dilinde (we arap dilinden başga dilde) Allanyň atlary we sypatlary barada aýdan zatlary dürsdir we Allanyň hakynda „Hudaý“ diýen sözi ulanmak dogrydyr,ýöne hiç zada meňzetmeli däldir.**

**Şerh**:Şeýtan mömin kişiniň imanyny zorlap,mejbur edip alýan däldir,ýöne bende öz imanyny,ynamyny, ýagşy amaly taşlap şubheli we günä we şuňa meňzeş zatlara urunsa şol halda şeýtan onuň imanyny kakyp alar.

Ähli sünnet gabyrda boljak soraga ynanýandyr,Munker we Nekir barada bir-näçe hadys gelendir Resulalla aýdan:“Haçanda meýit gabra girende onuň ýanyna Münker we Nekir diýilýän iki sany gara-gök perişde geler[109]“...

Sorag üçin ruhyň gabra dolanyp geljegine ähli sünnet ynanýandyr, bu sahyh hadyslarda gelendir,şeýlede sahyh hadyslarda gelen gabyryň gysyşyna hem ynyýandyrlar,bu zatlar kapyrlar geljekliginde şek ýokdur,çünki kuranda we sünnetde şuny tassyklap köp delil gelendir, inkär etmäge hiç-hili sebäp ýokdur,möminleriň käbirleri eden günäleri üçin gabyrda azap aljaklygy barada deliller gelendir.

Ymam soňra alymlaryň pars dilinde ýa-da arap dilinden başga dilde Allatagalanyň sypatlaryny aýtmaklyga rugsat berendiklerini ýatlaýar,ýöne „El“ sypatyny aýdyp bolýan däldigini ýatlaýar.

---

109 Tirmizi hadys-1071. al-Albany “Jamig sahyhda-724.sahyh diýen”.

# Alla (bendesine) golaý we daş diýen sözleriň manysy

**Ymam aýdan:“Allanyň golaý we daş bolmaklygy belli bir ölçeg däl-de,(bendesini) sylamaklygy we sylamasyzlygy manysyndadyr, Alla boýun bolýan bede Alla golaýdyr,Alla Özüne boýun bolmaýan kişiden daşdyr.**

**Şerh**:Alla islän bendesine goýlaýlaşyp oňa sylag-hormat edip, ýardam berer ,işini rowaçlandyrar we kapyrdyr-günäkärleriň islaninden daşlaşarda ony biabraý eder şu zatlaryň ählisini Alla Özüne mahsus görnüşde eder,şeýle hem jennetde Allanyň ýanynda bolmak we Onuň öňünde durmaklyk hiç bir zada meňzemez,çünki bir zada meňzetjek bolmaklyk bu ýoldan çykmaklykdyr.

**Jemleme**:Gabyrda soragyň boljagy hakdyr,eger bende imanyny ünsden düşürse şeýtan ony kakýar. Pars dilinde (arap dilinden gaýra dilde) zikir etmek dürsdir,Allanyň Öz bendesine golaýlaşmagy we daşlaşmagy, Onuň öňünde durmagy, jennetde ýanyda durmaklary hakdyr hiç zada meňzeş däldir.

**Sorag-jogap:**

1) Gabyrda beriljek sorag barada we gabyr azaby barada näme bilýärsiň?

2) Şeýtan adamyň imanyny nähili halatda alyp bilýär?

3) Allanyň golaýlygyny bir zada meňzedip bolarmy?

# Kuranyň aýatlarynyň käbirleri başgalaryndan beýikdir.

**Ymam aýdan:“Kuran Resulalla sallalahu aleýhi we selleme inendir,ol kitapda ýazylandyr, Kuranyň aýatlary fazyletde we**

**beýiklikde deňdirler,ýöne aýatly kürsi ýaly käbirleriniň zikir fazyleti bardyr,çünki bu aýtda Allanyň beýikligi we Onuň sypaty ýatlanylandyr,şol aýatlarda zikiriň we zikir edilýäniň (Allanyň) fazyleti jemlenendir,kapyrlary ýatlaýan aýatlarda diňe zikiriň fazyleti bardyr, emma ýatlanylýan (kapyrlaryň) fazyleti (sylag-hormaty) ýokdur.Allanyň atlary we sypatlary beýiklikde we fazyletde deňdirler, olaryň arasynda hiç-hili aratapwut ýokdyr.**

**Şerh**: Kuran Resulalla inen Allanyň kelamydyr.Alla aýdan:“ Adamlaryň arasynda Allanyň görkezeninden hak bilen höküm etmegiň üçin biz saňa kitap indirendiris[110]“.Allanyň kelamy bolan kuran adamlaryň elindäki kitaplarda ýazylandyr ,bu babatda hiç-hili yhtylaf ýokdur.

Kuran Allanyň kelamy bolany üçin onuň aýatlary fazyletde we beýiklikde deňdir,ýöne käbir aýatlar diňe Allanyň kelamy däl-de başgada aýratynlyklary bardyr,aýatly kürsi ýaly käbir aýatlar özünde Allanyň azamatyny we Onuň atlaryny we waspyny özünde jemleýär,başga bir aýatlar bolsa Allanyň kelamy bolup, şol aýatlarda ýatlanylanlaryň hormaty ýokdyr, mysal üçin kapyrlary ýatlaýan aýatlar,şu aýatlar Allanyň kelamy bolsada ýatlanylan adamlaryň sylag-hormaty ýokdyr.

Allanyň sypatlary fazyletde we beýiklikde deňdirler, ýöne käbir atlar başgalardan beýikdir. Resulalla aýdan:“Isim agzam üç aýatdadyr[111]“.

**Jemleme**: Allanyň aýatlary fazyletde we beýiklikde deňdir,ýöne käbiriniň artykmaç fazyleti bardyr,Allanyň atlary we sypatlary fazyletde we beýiklikde deňdir,ýöne käbiriniň artykmaç derejesi bardyr.

**Sorag-jogap:**

1) Kuranyň aýatlary fazyletde biri birinden tapawutlanýarmy?

2) Allanyň atlary we sypatlary fazyletde tapawutlanýarmy?

---

110 Nisa-105.

111 Hakim1/505 we al-Albani “Jamig sahyh” kitabynda şu hadysa sahyh diýen-1/228

## Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ogullary we gyzlary barada.

**Ymam aýdan:“Kasym,Tahyr we Ybraýym Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ogullary bolanlar,Fatyma,Rukaýýa,Zeýneb we Ummu Kulsum Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň gyzlary bolanlar.**

**Eger bir adam töwhid ylmynyň inçe meselelerinde bir zada düşünmese, ol adam tä soramaga alym tapýança Allanyň ýanynda näme dogry bolsa şoňa ynanmalydyr,we bilýän kişiniň gözleginiň ugryna çykmalydyr, eglenmeli däldir,eglenäýse kapyr bolar.**

**Isra-Magraj barada gelen habarlar hakdyr, kim olara (ynanman) gaýtarsa, ol päli azan bidgatçydyr.**

**Şerh**:Pygamber sallalahu aleýhi we sellemiň kunýesi Kasym oglynyň ady bilen berlendir, Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň Tahyr atlay ogly bolan oňa ýene-de Taýýib,ýa-da Abdylla diýýärler, ol ikisi Hatyjadan bolanlar,Ybraýym Müsriň häkimi Mukawkysyň sowgat beren gyrnagy Marýadan dogulýar, Resulalla aleýhi we sellemiň şulardan başga ogly bolan däldir,emma gyzlary Fatyma Ali bin Ebi Talybyň aýaly, Hasan we Huseýniň eneleri,Alla olaryň hemmesinden razy bolsun,Rukaýýa Osman bin Affanyň aýaly,Ummu Kulsum hem Osman bin Affanyň aýaly bolandyr. Rukaýýa dünýeden ötenden soň, oňa öýlenýär,Zeýnep Ebu Ass binigyň aýaly bolan, ogullarynyň ählisi Hatyjadan bolandyr, Alla olaryň ählisinden razy bolsun.

Soňra Ymam başga bir meselä geçýär ,ol bolsa – eger ynsan töwhid ylmynyň inçe syrlarynda -meselelerinde bir zada düşünmese onuň etmeli zady,ol bilýän adam tapýança Allanyň ýanyndaky dogry zada ynanýandyryn diýmeli we erjellik bilen bilýän adamyň gözlegine çykmaly bu işde sowuk sala bolmaly däldir.

Isra-Magraj (Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň asmana göterilmegi) hakdyr, päli azan bidgatçy ony inkär edäýmese ähli sünnet ony kabul edip iman getirendir.

**Jemleme**:Pygamber sallalahu aleýhi we sellemiň üç ogly we dört gyzy bolan,töwhit meselesinde musulman adam Allanyň ýanyndaky hak zada ynanmalydyr,Magraj barada gelen habarlara iman getirmek we onuň hakdygyna ynanmak hökmandyr.

**Sorag-jogap**:

1) Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň ogullarynyň we gyzlarynyň adyny ýatla.

2)Töwhit meselesinde musulman adam bir zada düşünmese ol näme etmelidir?

3) Magraj baradaky habary inkär edeniň hökmi näme?

## Kyýamatyň alamatlary barada.

**Ymam aýdan:"Dejjalyň gelmegi ,Äjit-Mäjitiň çykmagy,güniň günbatardan dogmagy,Ysa aleýhi salamyň asmandan inmegi we sahyh habarlarda gelen kyýamat alamatlary hakdyr,bolup geçer.**

**Alla islänini dogry ýola gönükdirýändir.**

**Şerh**:Ähli sünnet we jemagat şerigat delillerinde gelen Dejjalyň gelmegi, Äjit-Mäjitiň çykmagy,güniň günbatardan dogmagy,Ysa aleýhi salamyň asmandan inmegi ýaly kyýamat alamatlaryna ynanýandyr Resulalla sallalahu aleýhi we sellemiň aýdan:"On zady görýänçäzňiz kyýamat gopmaz-Tüsse ,Dejjalyň gelmegi, güniň günbatardan çykmagy, Ysa bin Merýemiň inmegi we Äjit-Mäjitiň çykmagy.[112]" Şu we beýleki sahyh habarlada gelen kyýamatyň alamatlaryna iman getiýändiris.

Alla islän bendesini dogry ýola gönükdirýändir.

[112] Muslim hadys-2901 we Ahmet-4/6.

**Jemleme**:Ähli sünnet sahyh habarlarda gelen kyýamatyň alamatlaryna iman getirýändir we gürrüňsiz bu zatlar boljakdygyna ynanýandyr.

**Sorag-jogap:**

1) Kyýamatyň alamatlary barada gelen habarlara ynanmak wajypmy?

2) Sahyh habarlarda gelen kyýamat alamatlaryndan käbirini ýatla?